№ 4
2025

YLMY-TEHNIKI ŽURNAL
***
НАУЧНО-ТЕХНИЧЕСКИЙ ЖУРНАЛ
***
SCIENTIFIC AND TECHNICAL MAGAZINE

# TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY

Esaslandyryjysy – Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi



Türkmenistanyň
Prezidenti Serdar
BERDIMUHAMEDOW:

***— Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzda taryhy özgertmeler durmuşa geçirildi. Halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşy hasda rowaçlandy.***

***— Ata Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, biz ýetip gelen 2026-njy ýyla «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan —bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip at berdik.***

***— Hoşniýetli arzuw-umytlar bilen garşy alýan täze ýylymyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyny belläp geçeris.***

***— Täze ýyl rowaçlyk, bagt getirsin! Täze ýyl bedew bady bilen ähliňizi maksat-myrada ýetirsin!***

# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOWYŇ TÜRKMEN HALKYNA TÄZE ÝYL GUTLAGYNDAN

■ 2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly tamamlanyp barýar. Ýene az salymdan täze — 2026-njy ýyly garşylarys.

■ 2026-njy ýyl — Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýyly. Türkmen halky öz arzuwlaryny, belent maksatlaryny ahalteke bedewleri bilen baglanyşdyrýar. Ahalteke bedewi biziň buýsanjymyzdyr, şöhratymyzdyr.

■ 2025-nji ýyl Garaşsyz Watanymyzyň täze taryhynda halkymyzyň durmuşyny üstünliklere beslän ýyllaryň biri boldy. Bu ýyl türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli tutumlary, taryhy başlangyçlary has-da rowaçlandy. Ýurdumyzy gülledip ösdürmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirilen maksatnamalar üstünlikli durmuşa geçirildi.

■ Diýarymyzyň ähli ýerlerinde döwrebap mekdepler, çagalar baglary, saglygy goraýyş, sport desgalary, medeniýet edaralary, önümçilik binalary, başga-da köp sanly desgalar ulanmaga berildi. Bagtyýar maşgalalaryň müňlerçesi täze jaýly bolmak bagtyna eýe boldy.

■ Ýangyç-energetika toplumyna degişli iri taslamalar durmuşa geçirildi. Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumynyň nebit we nebit önümleri guýulýan gämi duralgasy işe girizildi. Gahryman Arkadagymyzyň gatnaşmagynda Türkmenistan — Owganystan — Pakistan — Hindistan gaz geçirijisiniň esasy tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat — Hyrat gaz geçirijisiniň Owganystanyň Hyrat welaýatyna barýan böleginiň gurluşygyna badalga berildi.

■ Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynda Bäherden keramiki önümler kärhanasy, paýtagtymyzda çüýşe önümlerini öndürýän kärhana, Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda agyz suw arassalaýjy desga, Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsi ulanmaga berildi. Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň, Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumyň gurluşygyna badalga berildi. Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň gurluşygyna hem girişildi. Şeýle hem Aşgabat şäherinde «Güneşli» çagalar we ýetginjekler merkeziniň gurluşygyna badalga berildi.

■ Şu ýyl ýurdumyzyň Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynda Döwletli mekan, Kaka etrabynda Bagtly zamana atly täze, döwrebap obalar açylyp ulanmaga berildi. Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynda häzirki zaman Bitaraplyk şäherçesi dabaraly ýagdaýda açyldy. Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň gurluşygy dowam etdirildi. Ýurdumyzda döwrebap obalaryň, häzirki zaman ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygy hem dowam edýär. Bularyň ählisi «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen şygarymyzyň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini görkezýär.

■ Oba hojalyk pudagynda geçirýän özgertmelerimiz hem rowaçlyklara beslenýär. Edermen daýhanlarymyz Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak ýokary hilli bugdaý hasylyny tabşyryp, şertnamalaýyn borçnamany üstünlikli ýerine ýetirdiler.

■ Halkymyzyň saglygy, abadan we bagtyýar durmuşy biziň alyp barýan döwlet syýasatymyzyň möhüm ugry bolup durýar. Tamamlanyp barýan ýylda Aşgabat şäherinde köpugurly hassahananyň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde köpugurly hassahananyň, şeýle hem Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherinde Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkeziniň gurluşygyna badalga berildi. Ynsan saglygyny goramak boýunça alyp barýan işlerimizi geljekde hem dowam etdireris.

■ Ylym we bilim ulgamlarynda hem netijeli özgertmeler durmuşa geçirildi. Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň döwrebap okuw binalar toplumy, Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň binalar toplumy we başga-da köp sanly bilim maksatly desgalar açylyp ulanmaga berildi.

■ Biz milli medeniýetimizi ösdürmek, mirasymyzy gorap saklamak, wagyz etmek boýunça hem giň gerimli işleri alyp barýarys. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Aşgabat şäheri ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizildi. Şeýle hem türkmen alabaý itlerini ösdürip ýetişdirmek däpleri ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizildi.

■ Şu ýyl ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama biragyzdan kabul edildi. Munuň özi Bitaraplyk syýasatymyzyň mynasyp dowam etdirilýändigini ýene-de bir gezek görkezdi.

■ Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara derejede köp sanly çäreler geçirildi. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda Birleşen Milletler Guramasynyň Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan döwletler boýunça üçünji maslahaty ýokary derejede geçirildi. Şeýle hem ýurdumyzyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Birleşen Milletler Guramasynyň Durnukly ulag boýunça onýyllygy (2026 — 2035-nji ýyllar)» hem-de «Durnukly ösüşi üpjün etmekde ygtybarly we durnukly energiýa birikmesiniň esasy orny» atly Kararnamalar biragyzdan kabul edildi.

■ Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli geçirilen halkara forum şanly ýylyň iň esasy wakasyna öwrüldi. Ýokary derejede geçirilen halkara forum boýunça Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Bu forum parahatçylyk söýüji döwlet hökmünde ýurdumyzyň abraýyny has-da belende göterdi.

■ Ata Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmek maksady bilen, biz ýetip gelen 2026-njy ýyla «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip at berdik. Hoşniýetli arzuw-umytlar bilen garşy alýan täze ýylymyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllygyny belläp geçeris.

■ Ýene az salymdan täze — 2026-njy ýyly garşy alarys. Şu pursatda siziň ähliňize berk jan saglygyny we täze üstünlikleri arzuw edýärin. Täze ýyl abadançylygyň, rysgal-berekediň ýyly bolsun! Maşgala ojaklaryňyza agzybirlik, döwletlilik ýar bolsun! Täze ýyl rowaçlyk, bagt getirsin! Täze ýyl bedew bady bilen ähliňizi maksat-myrada ýetirsin!

■ Täze — 2026-njy ýylyňyz gutly bolsun!

# TÜRKMENISTANYŇ MEJLISINIŇ KARARY

## *2026-njy ýyly «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýip yglan etmek hakynda*

Çuňňur hormatlanylýan Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň başlangyjy bilen yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly ýurdumyz üçin taryhy ähmiýetli ýyllaryň biri boldy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilip geçilmegi ýurdumyzyň gazanan ägirt uly üstünliklerini, ýeten sepgitlerini dünýä jemgyýetçiligine ýetirmäge mümkinçilik berdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!», hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ýörelgelerine eýerýän agzybir halkymyz bu gün parahat we abadan durmuşda ýaşaýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz ösüşleriň ak ýolundan bedew bady bilen ynamly öňe barýar.

Çuňňur hormatlanylýan Prezidentimiz türkmen halkynyň milli häsiýetiniň esasyny düzýän, asyrlaryň jümmüşinden gelýän özboluşly däp-dessurlaryna, ynsanperwerlik ýörelgelerine daýanmak bilen, jemgyýetiň jebisligi we durnuklylygy, ýurduň asuda ösüşi üçin uly tagallalary edýär.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde giň möçberli özgertmeleriň yzygiderli durmuşa geçirilmegi netijesinde ýurdumyzyň ähli pudaklarynyň işi dünýäniň ösen döwletleriniň tejribesi esasynda kämilleşdirilip, milli ykdysadyýetiň özboluşly häzirki zaman türkmen nusgasy kemala getirildi.

Geljek ýyl — Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýyly. Biziň bedewlerimiz halkymyzyň milli buýsanjydyr, gymmatly baýlygydyr, beýik ösüşlerimiziň nyşanydyr. «At — myrat» diýlişi ýaly, täze ýyl bagtyýar halkymyzy maksat-myradyna ýetirer. Türkmen halky üçin 2026-njy ýyl aýratyn ähmiýete eýedir. Bu ýylda eziz Watanymyz mukaddes Garaşsyzlygynyň 35 ýyllygyny baýram eder. Türkmen halkynyň köpasyrlyk taryhynda hem-de özbaşdak ösüş ýolunda bedew at milletimiziň ynamdar we ygtybarly ýoldaşy hökmünde aýratyn orun tutýar.

Köp asyrlaryň dowamynda özüne mahsus bolan güýç-kuwwaty, ýyndamlygy, gözelligi we akyllylygy bilen tapawutlanýan ahalteke bedewi bu gün Türkmenistanyň Döwlet tugrasynyň bezegi, Garaşsyz, baky Bitarap Watanymyzyň ösüşleriniň nyşany bolup durýar.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygyny we özygtyýarlylygyny has-da şöhratlandyrmak, Garaşsyzlyk ýyllarynda syýasatda, ykdysadyýetde, medeniýetde ýetilen belent sepgitleri, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekde gazanylan üstünlikleri, bedew bady bilen ösüşleriň belentligine tarap ynamly gadam urýan berkarar Watanymyzyň dünýäni haýran galdyryjy galkynyşlaryny hem-de ähli ugurlarda gazanýan beýik ýeňişlerini dabaralandyrmak, diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň bahasyna ýetip bolmajak gymmatlygy bolan ahalteke bedewleriniň şöhratyny mundan beýläk-de beýgeltmek, eziz Watanymyzyň şan-şöhratyny, halkara abraýyny artdyrmak, ýaş nesli Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistana, milli mirasymyza çäksiz buýsanç, söýgi we hormat goýmak ruhunda terbiýelemek, Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk şanly baýramyny mynasyp garşylamak, amala aşyrylýan ägirt uly, bedew batly beýik ösüşleriň, taryhy özgertmeleriň ähmiýetini wagyz etmek maksady bilen, şeýle hem 2026-njy ýyly atlandyrmak barada halk wekillerinden, ýurdumyzyň iri jemgyýetçilik birleşiklerinden, zähmet toparlaryndan we raýatlarymyzdan gelip gowşan teklipleri göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Mejlisi **karar edýär:**

2026-njy ýyly «**Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany**» ýyly diýip yglan etmeli.

***Türkmenistanyň Mejlisiniň***
***Başlygy D.GULMANOWA.***

Aşgabat şäheri, 2025-nji ýylyň 26-njy dekabry.



# Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara çäreleriň üstünlikli geçirilmegi mynasybetli halkymyza GUTLAGY

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 12-nji dekabrynda biz hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýuny giňden belläp geçdik.

Hemişelik Bitaraplyk jebisligimiziň, abadançylygymyzyň esaslaryny düzýän taglymatymyzdyr. Hemişelik Bitaraplygymyz biziň milli buýsanjymyzdyr, parahatçylygyň, ynanyşmagyň şöhratly ýoludyr. Bagtyýar halkymyzyň agzybirligi bilen, geçen 30 ýylyň içinde hemişelik Bitaraplygymyzyň binýadyny has-da berkitmek boýunça taryhy işler durmuşa geçirildi.

Şu günümiziň we geljegimiziň aýdyň bolmagy üçin ägirt uly işler bitirildi, belent sepgitlere ýetildi. Elbetde, munuň aňyrsynda Watana bolan söýgimiziň, halal zähmetimiziň, yhlasymyzyň durandygyny unutmaly däldiris.

Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy hem-de Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli, hormatly Prezidentimiziň Permanyna laýyklykda, «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medaly bilen sylaglandym.

Munuň özi türkmen halkynyň meniň zähmetime beren ýokary bahasy bolup durýar. Şoňa görä-de, ýubileý medalynyň gowşurylmagyny mähriban halkymyň maňa bildirýän uly ynamy, alyp barýan işlerimiziň ykrar edilmesi hökmünde kabul edýärin. Bu uly sylag mähriban halkymyň, berkarar Watanymyzyň abadançylygy we gülläp ösmegi ugrunda güýjümi gaýgyrman, tutanýerli işlemäge borçly edýär.

***Hormatly adamlar!***

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ata Watanymyzda uly üstünlikler gazanyldy. Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üçünji gezek ykrar edildi. Bu bolsa hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyny toýlaýan ýylymyzyň ähmiýetini has-da artdyrdy. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň başlangyjy bilen «2025-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi döwletimiziň şan-şöhratyny has-da beýgelden wakalaryň biri boldy.

Ýurdumyzda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy mynasybetli çäreleri ýokary derejede geçirmek boýunça guramaçylyk döwlet topary döredildi. Topara ýolbaşçylyk etmek bilen, ýurdumyzyň abraýyna abraý goşýan köp sanly çäreleri üstünlikli geçirdik.

Gün-günden gözel keşbe girýän, özboluşly binagärlik gurluşy bilen tapawutlanýan paýtagtymyz Aşgabat şäheri ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizildi. Munuň özi Aşgabat şäherini ösdürmek boýunça alnyp barylýan işleriň halkara derejede ykrar edilýändiginiň aýdyň beýanydyr.

Ýakynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Häzirki zaman jemgyýetinde zenanlaryň orny:







Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek ugrunda halkara hyzmatdaşlygy ösdürmek» atly halkara maslahat ýokary derejede geçirildi. Bu maslahat ýurdumyzda dürli kärde zähmet çekýän zenanlaryň zähmetine uly hormat goýulýandygyny, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygyň ösdürilýändigini ýene-de bir gezek görkezdi.

12-nji dekabrda Aşgabat şäherinde döwlet Baştutanlarynyň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň derejesinde halkara forum hem üstünlikli geçirildi. Dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmekde möhüm ähmiýete eýe bolan bu halkara forum ýylyň esasy syýasy wakalarynyň biri boldy. Bu iri çäre ýurdumyzyň Bitaraplyga, parahatçylyk söýüjilige esaslanýan daşary syýasatynyň dünýä jemgyýetçiliginde giňden goldanylýandygyny ýene-de bir gezek tassyklady. Umuman, bu halkara çäreler ata Watanymyzyň şan-şöhratyny beýgeltdi, halkara abraýyny has-da artdyrdy.

Pursatdan peýdalanyp, mähriban halkymyzy hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramy hem-de halkara çäreleriň üstünlikli geçirilmegi bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Eziz watandaşlar!***

Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly täze kitaby biziň ählimiz üçin uly sowgat boldy. Kitapda Bitaraplyk taglymatymyz, dünýäde parahatçylygy we ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen döwlet syýasatymyz hakynda täsirli maglumatlar jemlenipdir.

Onda ýurdumyzyň «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýa esaslanýan hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýynyň ähmiýeti giňden beýan edilýär. Hormatly Prezidentimizi «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medalyna mynasyp bolmagy hem-de täze eseriniň neşir edilmegi bilen tüýs ýürekden gutlaýaryn.

***Eziz watandaşlar!***
***Hormatly adamlar!***

Taryhyň ýene-de bir ýyly tamamlanyp barýar. Täze ýyl baýramy hem ýetip gelýär. Geljek ýyl Gündogar müçenamasy boýunça ýylky, ýagny bedew ýylydyr. Biziň bedewlerimiz halkymyzyň milli buýsanjydyr, gymmatly baýlygydyr, beýik ösüşlerimiziň nyşanydyr. Şoňa görä-de, ýetip gelýän bedew ýyly düşümli bolsun! «At — myrat» diýlişi ýaly, täze ýyl bagtyýar halkymyzy maksat-myradyna ýetirsin!

Berkarar döwletimize rysgal-bereket getirsin! Geljek ýylda hem uly üstünlikler, bagtyýar günler mundan beýläk-de dowamat-dowam bolsun!

# GUTLAÝARYS!

***Mälim bolşy ýaly, Türkmenistanyň Mejlisiniň 2025-nji ýylyň 6-njy dekabryndaky Karary bilen hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidentiniň 2025-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky Permanyna laýyklykda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly ýubileý medaly we ýadygärlik nyşanlar toplumy bilen sylaglanyldy. Munuň özi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň döwletimiziň Garaşsyzlygyny, özygtyýarlylygyny we hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny berkitmekde, onuň halkara abraýyny ýokarlandyrmakda, ýurdumyzyň daşary syýasy ugruny, ata Watanymyzyň dünýä döwletleri we halkara guramalar bilen parahatçylykly, dostlukly hem-de özara bähbitli gatnaşyklaryny ösdürmekde, sebitde we dünýäde parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen halkara başlangyçlaryny öňe sürmekde we durmuşa geçirmekde, ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryny kanun arkaly berkitmekde goşan uly şahsy goşandyna türkmen halkynyň beren ýokary bahasy bolup durýar. Bu buýsançly wakalar tutuş halkymyzy çäksiz guwanç duýgusyna besledi.***

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 12-nji dekabrynda berkarar döwletimiziň mähriban halky hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýuny giňden we ruhubelentlik bilen belläp geçdi.

Häzirki döwürde Garaşsyz, hemişelik Bitarap ýurdumyzyň hoşniýetli goňşuçylyga, deňhukuklylyga, dünýäniň ähli döwletleri, abraýly halkara guramalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlyga esaslanýan Bitaraplyk syýasaty rowaçlyklara beslenýär.

Şu şanly ýylda BMG tarapyndan üçünji gezek ykrar edilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýy dünýä bileleşigi üçin halkara gatnaşyklar ulgamynda ählumumy bähbitleri utgaşdyrmagyň serişdesine öwrüldi, ýurdumyzyň at-abraýyny we şan-şöhratyny beýgeldýän hem-de türkmen halkynyň buýsanç-mertebesini belende göterýän gymmatlyk hökmünde ykrar edildi. Bu bolsa hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramyny toýlaýan ýylymyzyň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Tutuş ýurdumyzda hemişelik Bitraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýy mynasybetli ýokary derejede dürli çäreler geçirildi. Paýtagtymyzda «Bitaraplygyň 30 ýyllygy» binasynyň açylyş hem-de Bitaraplyk binasynyň meýdanynda baýdak galdyrmak dabaralary boldy. Şeýle hem Söwda-senagat edarasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanan sergi guraldy. 12-nji dekabrda Aşgabat şäherinde döwlet Baştutanlarynyň we halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň derejesinde halkara forum hem üstünlikli geçirildi. Dünýäde parahatçylygy we ynanyşmagy berkitmekde möhüm ähmiýete eýe bolan bu halkara forum ýylyň esasy syýasy wakalarynyň biri boldy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz, Gahryman Arkadagymyz, bu döwlet sylagy bilen sylaglanmagyňyz biziň buýsançly başymyzy göge ýetirdi. Bu sylag jogapkärli ýokary döwlet wezipäňizde, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işiňizde egsilmez ylham çeşmesi bolsun! Siziň janlaryňyz sag, ömürleriňiz uzak, halkara abraý-mertebäňiz hemişe belent, şeýle döwlet sylaglaryňyzyň höwri köp bolsun!

***«Türkmenistanyň senagaty».***



# «YNSAN ÝALY SYZÝAN», RYSGY BILEN GELÝÄN BEDEW ÝYLYNYŇ DERGÄHINDE

***27-nji dekabrda asylly däbe görä, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow paýtagtymyzdaky Baş arçanyň ýanyna gelip, bu ýerde guralan Täze ýyl dabarasyna ak pata berdi. Elbetde, Täze ýyl mynasybetli «Älem» medeni dynç alyş merkezinde guralýan toý-dabarasyna gelenleriň sany sanardan köpdi. Bu ýere, depesi «2026» ýazgyly sekiz burçly ýyldyz bilen bezelen Baş arça paýtagtymyzdan, Arkadag şäherinden, welaýatlardan gelen adamlar halkymyzyň agzybirligini, milli jebisligini, abadanlygyny alamatlandyryp, Baş arçanyň töweregi täsinlikler dünýäsine öwrülipdi.***

Ertekilerdäki dürli gahrymanlaryň keşbine giren çagalar bu ýere gelip duran içi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň awtoulagyny uly ruhubelentlik, şatlyk duýgulary we gül desseleri bilen garşy aldylar. Olaryň ýerine ýetiren goşgulary hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň ýaş nesliniň hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa hoşallygynyň nyşany hökmünde ýaňlandy. Uly ruhubelentlik, şatlyk-şagalaň bilen Baş arçanyň daşyndan aýlanmak dabarasy ýatdan çykmajak pursatla-

ryň birine öwrüldi. Toý lybasyna beslenip Ýylanyň, Ýylkynyň keşbine giren çagalar edep-ekram bilen hormatly Prezidentimizden özlerine goşulyp Täze ýyl arçasynyň daşyndan aýlanmagy haýyş etdiler. Soňra bu ýere gelen çagalara Täze ýyl sowgatlary gowşuryldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyz çagalaryň haýyşy boýunça olar bilen bu ýatdan çykmajak waka mynasybetli surata düşdi. Döwlet Baştutanymyzyň şu gezekki dabaralara gatnaşmagy ýaş nesilleriň abadançylygy we olaryň sazlaşykly ösmegi üçin ähli şertleriň döredilmeginiň Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup durýandygyny tassyklady. Şeýle hem ruhubelentlik ýagdaýynda geçen baýramçylyk çäreleri ýetip gelýän 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilen ýylyň uly üstünliklere beslenjekdigini alamatlandyrdy. Çünki bedew atlarymyz hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda parahatçylygyň, döredijiligiň ýoly bilen ynamly öňe barýan ata Watanymyzyň belent ösüşleriniň aýdyň nyşanyna öwrüldi.

Geljek Ýylky ýyly gündogar müçenamasy boýunça öz okunyň daşynda aýlanyp duran çarhypelegiň on iki ýylynyň ýedinjisidir, özem Magtymguly Pyragynyň «Bedew atdyr adam ýaly syzýar» diýip belleýşi ýaly, ynsan kimin duýýan, ruhy hem beden taýdan sagdyn, toýnagynyň aşagyndan «ot çykýan» hurmaýy atyň, eýesine wepaly, türkmençilikde «At agnan ýerde toý bolar» diýlişi deýin, onuň agnan ýerinde hem toý bolýan, türkmençilikde ýigidiň goşa ganaty saýylýan, halkymyz üçin hemişe-de bagt-sagadat getiriji, toýlary toýa ulaşýan, maksady myrat tapýan, arzuwlary wysal bolýan ýyllaryň biri bolar diýlip hasap edilýär.

Hasap boýunça 2026-njy ýylyň 17-nji fewralynda ýaşyl reňkli agaç Ýylan ýyly öz ornuny toýnagyndan ot syçraýan hurmaýy bedewe berýär. Hurmaýy atlar hakynda gadym Oguz atamyzyň durmuşy bilen baglanyşykly hem düýpli gürrüňler edilýär. Hatda Oguz hanyň «Ülkeri-çerik» söweş sungatyna görä, atlarynyň hüý-häsiýetlerine, artykmaç taraplaryna, daşky görnüşlerine, reňkine laýyklykda düzülen, atlanan, hereket edýän onmüňlikleri bolup, gaz boýun, aýaklarynyň arasy açyk, döşleri meýdanly, topuklary çeýe, beýleki bedewlere görä has ýadamazak, güýçli hurmaýy atlylar toparynyň aýratyn tabşyryklar boýunça hereket edendigi, köplenjem duşman tuguny ýatyrmakda aýgytly orna mynasyp bolan düldülpisint hurmaýy atlylaryň ornunyň başga bolandygy hakynda «Ergenekon» dessanynda, «Oguznamalarda» gürrüň berilýär.

Hawa, Bedew ýyly ýyllaryň gowusy, döwletment ýyly hasaplanýar. Halkara derejesinde dünýä ähmiýetli işleri durmuşa geçiren, dünýä halklarynyň medeni ösüşlerine öz mynasyp goşantlaryny goşan ata-babalarymyz bedew atsyz durmuşy göz öňüne getirip hem bilmändirler. Munuň şeýledigini serkerde şahyrymyz Seýitnazar Seýdi:

***Bedewi mert münse, çohdur peýdasy,***
***Namarda zyýandyr üsti bedewiň***

diýip düşündirse, Magtymguly Pyragy öz goşgusynda:

***Ýigidiň bolmasa, ýaragy, aty,***
***Şony belli biliň, ýokdur gaýraty***

diýmek bilen, Adam oglunyň gaýratlylyk ýa ejizlik ýagdaýyny-da aty, ýaragy bilen kesgitleýär. At müneni gaýratly hasaplan ata-babalarymyz bedew ýylynyň gelşini hem belent maksatlaryň myrat tapmagy bilen baglanyşdyrýar.

At münüp alysa gözlän ata-babalarymyz bir-ä uzak aralygy görüp bilipdir, birem akyly kesgir, ruhy belent bolupdyr. Munuň şeýledigini serkerde şahyrymyz Seýitnazar Seýdi:

***Münende şaý bolsa, tükel esbaby,***
***Tagty-Süleýmandyr üsti bedewiň***

diýip, bedew atyna atlanan türkmen üçin onuň bedewiniň üstüniň tagty-Süleýman, Süleýmanyň tagty ýaly göwnejaýdygy, garyp göwnüňi şalaryň tagtyna çenli göterýändigi, onuň öz bedewine atlananda göwnüniň göterilip, ýanbermez, aňrybaş batyr, başarjaň, ýeňilmezek bolýandygy barada ýazýar. Elbetde, munuň özi at bilen bagry badaşan türkmeniň öz durmuşyny diňe bedew aty bilen baglanyşdyrýandygyny aňladýar. Bu, elbetde, Ýylky ýylynyň türkmen üçin iň bir bagtyýar ýyllaryň biri boljakdygyny görkezýär.

Biziň eýýamymyzdan müň ýyldan gowrak ozal,

diýmek, mundan üç müň ýyldan gowrak ozal ýaşan hem dürli keselleriň öňüni almakda uly işleri durmuşa geçiren Lukman Hekim, häzirki döwrümizden iki ýarym müň ýyla golaý öň sersaglyk hakynda köp sanly işleri amala aşyran Gippokrat, galyberse-de dokuz ýüz segseninji ýylda Türkmenabadyň aňry ýanynda, Buharanyň Afşana obasynda dünýä inen filosof, Ýewropada Awessina, ata-babalarymyz tarapyndan hem Abu Aly Ibn Sina diýlip tanalan uly alym munuň hakykatdan hem şeýledigini tassyklapdyr. Uly alym Gippokrat: «Adamlar, at münüň, atdan örküňizi üzmäň, at ýaly, sagdyn bolarsyňyz» diýse, häzirki zaman alymlarymyz at münýäniň süňňüniň sagat, kesellere garşy durujylygynyň güýçli, berk bedenli bolýandygyny beýan edýärler. Öňümizdäki Ýylky ýylynda atdan örküni üzmeýän, aty bilen dünýä çykyp, dünýä rekordlaryny täzelän türkmen üçin ýene bir şöhratly ýyllaryň biri boljakdygy barada türkmen täleýnamasynda düýpli gürrüňler edilýär.

«Görogly» şadessanynda at babatda Balybeg patyşanyň garry weziri patyşa bakyp: «Eý, şahym, Goroglynyň Mežnun däli Gyraty bardyr. Şol aty bilen Görogly diýeniň Görogly bolup ýörendir. Şol aty aýagynyň teýinde bolmasa, Göroglynyň Göroglylygy ýabygorlydyr» diýip, beg oglunyň ähli güýjüniň Gyratdadygyny aýdýar. Legendar Göroglynyň özem şadessanyň «Kempir» şahasynda Balybeg diýilýän patyşa bakyp:

***Gyratyň bahasyn diýsem,***
***Sen deý şadan ýüz bolaýdy...***

diýip, Gyratyň belli bir bahasynyň ýokdugyny aýdýar. Şadessanyň ýene bir ýerinde Görogly:

***Bedewiň asly behiştden,***
***Berekella, Gyrat saňa!..***

diýip, behişdi bedewine ýüzlenýär.

Dünýä döwletleriniň aglabasynda ýol-ulag hadysasyna düşen şikesliler, dogabitdi maýyplar lukmanlar tarapyndan ata mündürilip, ippoterapiýa usuly bilen bejerilýär. Aslynda ippoterapiýa Ynsan balasynyň ýürek-damar, aşgazan-içege, daýanç-hereket ediş synalarynyň sazlaşykly, kadaly işlemegine oňyn täsir edýär, atlara ideg edýänleriň, bedewli gezelenç edýänleriň synalaryndaky näsazlyklaryň aýrylyp, nerw ulgamyndaky dartgynlygyň gowşaýandygy, kalbynyň rahatlanýandygy hakynda bellemelidiris.

«At münen alysa gözlär», «Saňa at diýmerin, gardaş diýerin», «At çapmaz, bagt çapar» diýen ýaly nakyllary döreden türkmen halkynyň şahyr oglunyň:

***Seredýäris Aýa, nurana Güne,***
***Gyzýar durmuş, müň hyýal bar her başda.***
***Şükür, ýetdik ýene Bedew ýylyna,***
***Bedew, saňa halkyň garaýşy başga.***

***Sensiň ata-baba uçar ganatym,***
***Ýüwrüksiň göwün deý, ýüwrüksiň ýelden.***
***Şan-şöhraty dünýä dolan gyr atym,***
***Sen halkymyň ykbalyna öwrüldiň...***

diýen goşgusy bar.

Türkmenistan arzuwlaryň hasyl bolýan, maksatlaryň myrat tapýan ýurdudyr. Täze 2026-njy ýylda asylly arzuwlaryň hasyl bolmak mümkinçilikleriniň has-da artjakdygy öňünden duýulýar. Çünki bu ýyl — Bedew ýylydyr. Üstesine, täze 2026-njy ýylyň «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly diýlip yglan edilmegi aýratyn many-mazmuna eýedir. Bu at diňe bir şygar däl. Ol taryhyň jümmüşinden gelen sesdir, halkyň ykbalyna ýazylan beýik ynançdyr. Berkarar döwletimiziň öz ýoluna, öz güýjüne, öz myradyna bolan berk ygrarynyň beýanydyr. Bu at maksatlaryň myrat tapýandygyny, her bir halal zähmete bedew bereketiniň nesip etjekdigini buşlaýar.

Şeýle beýik many-mazmuny nazara alyp, bizi täze-täze döredijilik üstünliklerine ruhlandyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, şeýle hem ähli türkmen halkyny täze 2026-njy ýyl — «Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan — bedew batly at-myradyň mekany» ýyly bilen tüýs ýürekden gutlaýarys! Täze ýyl her bir öýe nur, her bir ýürege ynam, her bir maksada myrat getirsin!

***Abdylhalyk JUMADOW,***
***«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň baş hünärmeni.***

# BITARAPLYK – PARAHATÇYLYK WE YNANYŞMAK TAGLYMATY

***Türkmenistanyň halkara giňişlikde giň goldawa eýe bolýan parahatçylyk söýüjilikli daşary syýasaty hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine esaslanýar. Bu özboluşly doktrina parahatçylykly ýaşamak, sebitde howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek üçin binýat bolup, 30 ýylyň dowamynda Türkmenistana ygtybarly hyzmatdaş we dünýä prosesleriniň işjeň agzasy hökmünde çykyş etmäge mümkinçilik berýän netijeli guraldygyny subut etdi.***



**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— Bitaraplyk biziň doktrinamyzdyr, ol tutuş dünýäde parahatçylygy pugtalandyrmaga, halklaryň arasynda dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmäge çagyrýar, ynsanperwer ýörelgeleri dabaralandyrýar.**

**11-nji dekabrda** Halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumyna gelen daşary ýurt wekiliýetleriniň gatnaşmagynda paýtagtymyzda «Bitaraplygyň 30 ýyllygy» binasynyň açylyş hem-de Bitaraplyk binasynyň meýdanynda baýdak galdyrmak dabaralary boldy. Şeýle hem Söwda-senagat edarasynda Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly 30 ýyllygyna bagyşlanan sergi guraldy.

Tegelek binagärlik toplumy hökmünde gurlan bu özboluşly binanyň dabaraly açylmagy ýurdumyzyň Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen, hemişelik Bitaraplyk ýörelgelerine esaslanýan oňyn daşary syýasatynyň, Türkmenistanyň parahatçylyk döredijilik wezipesiniň halkara jemgyýetçilik tarapyndan ykrar edilmeginiň aýdyň güwäsi boldy.

Desganyň bitewüligiň we yzygiderli dialogyň nyşany hökmünde tegelek daşky binagärlik keşbi halkany emele getirýän baýdak sütünleri bilen sazlaşykly utgaşýar. Bitaraplyk binasynyň bezeginde BMG-niň baýdagynyň we nyşanynyň reňkleri bolan ak hem-de gök reňkler agdyklyk edýär. Ak reňk parahatçylygy, açyklygy, hoşmeýilli erki alamatlandyrsa, gök reňk ählumumy jebisligi, Türkmenistanyň halkara giňişlikde işjeň öňe sürýän öňüni alyş diplomatiýasyny beýan edýär. Esasy bellemeli zat, parahatçylygyň we açyklygyň nyşany hökmünde belende uzaýan Bitaraplyk binasy Türkmenista-



nyň öz üýtgewsiz ýörelgelerine berk ygrarlydygyny dünýä äşgär edýär. Umuman, bu binalar dostlugy, özara düşünişmegi, ynanyşmagy, jebisligi we raýdaşlygy alamatlandyrýar.

Bitaraplyk parahatçylyk medeniýetiniň belent ýörelgelerini dabaralandyrýan, Türkmenistanyň atabraýyny, şan-şöhratyny beýgeldýän, halkymyzyň mertebesini belende göterýän ajaýyp gymmatlykdyr. Şu jähetden Bitaraplyk binasynyň meýdanynda giň halkara jemgyýetçiligiň wekilleriniň gatnaşmagynda milli jebisligi we garaşsyzlygy alamatlandyrýan Döwlet tugumyzyň hem-de BMG-niň baýdagynyň galdyrylmagy ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk derejesiniň ählumumy häsiýete eýediginiň aýdyň beýany boldy. Ýurdumyzda Türkmenistanyň Döwlet baýdagy bilen bir hatarda, BMG-niň baýdagynyň, 192 döwletiň baýdaklarynyň bilelikde parlamagy Watanymyzyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derjesiniň hoşniýetli dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmekdäki, halkara giňişlikde para-





hatçylygy hem-de ynanyşmagy pugtalandyrmakdaky ähmiýetini has-da dabaralandyrýar.

Şol gün dabara gatnaşanlar Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanyp, Söwda-senagat edarasynda geçirilýän giň gerimli sergä hem baryp gördüler. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň sergä gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy. Soňra serginiň ekspozisiýalarynda milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynyň köpugurly ösüşleri şöhlelendi. Olarda Bitaraplygyň nyşanlaryna aýratyn orun berlipdir. Sergi pawilýonlarynda halk hojalygynyň beýleki pudaklary bilen bir hatarda Gurluşyk we senagat toplumynyň ulgamlarynda ýetilen belent sepgitleri açyp görkezýän diwarlyklardyr eksponatlar ýerleşdirilipdir. Bu toplum milli ykdysadyýetimiziň geljegi uly hem-de batly depginler bilen ösýän ugry bolup durýar. Oňat bezelen pawilýonlarda täze ýaşaýyş toplumlarynyň, senagat desgalarynyň, beýleki infrastruktura taslamalarynyň nusgalary, innowasion işläp taýýarlamalardyr tehnologiýalar goýlupdyr. Ýurdumyzda desgalaryň gurluşygynda, bezeg işlerinde ýerli howa şertlerine, ekologik kadalara gabat gelýän ýokary hilli gurluşyk serişdeleri ulanylýar.




Sergide Aşgabat we Arkadag şäherleriniň, welaýatlaryň häkimlikleriniň diwarlyklary hem ýaýbaňlandyrylypdyr. Pawilýonlarda ýerleşdirilen monitorlarda sebitleriň özboluşly aýratynlyklaryny, senagat kuwwatyny, dürli ugurlar boýunça gazanýan üstünliklerini, medeni durmuşyny şöhlelendirýän şekiller görkezildi.

**12-nji dekabrda** Aşgabatda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Halkara Bitaraplyk güni we Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara forum geçirildi. Oňa dünýä döwletleriniň, halkara we sebit guramalarynyň ýokary derejeli wekiliýetleri gatnaşdylar.

Ir bilen halkara foruma gatnaşýan ýokary derejeli wekiliýet Baştutanlary paýtagtymyzdaky Bitaraplyk binasyna gül desselerini goýdular. Soňra döwlet Baştutanymyzyň gatnaşmagynda halkara forumyň açylyş dabarasy hem-de «Parahatçylyk we ynanyşmak: durnukly gejegiň bähbidine maksatlaryň bitewüligi» atly plenar mejlis geçirildi.

Döwlet Baştutanymyz hemmeleri Türkmenistanda parahatçylyk we ynanyşmak forumyna, Halkara Bitaraplyk gününe hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyna bagyşlanan baýramçylyk çärelerine gatnaşýandygy üçin Türkmenistanyň halkynyň adyndan mähirli gutlap, foruma döwlet we hökümet Baştutanlarynyň, iri we abraýly halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň, görnükli syýasatçylaryň, parlament agzalarynyň, diplomatlaryň, alymlaryň, jemgyýetçilik işgärleriniň gatnaşýandygyny, myhmanlary türkmen topragynda görmegiň türkmen tarapy üçin uly hormat we abraýdygyny aýtdy.

Soňra bu möhüm foruma gatnaşýan döwlet we hökümet Baştutanlaryna söz berildi. Çykyşlarda bellenilişi ýaly, Aşgabatda parahatçylyk we ynanyşmak forumynyň geçirilmegi Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyr-

maga, parahatçylyk döredijilikli diplomatiýa berk ygrarlydygynyň aýdyň subutnamasy bolup durýar.

Arakesmeden soňra, plenar mejlis türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda dowam etdi. Bu plenar mejlise ýokary derejeli wekiliýet Baştutanlary, halkara guramalaryň ýolbaşçylary gatnaşdylar. Milli Liderimiz foruma gatnaşyjylara ýüzlenip, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň dünýä bileleşigi bilen bilelikde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň ykrar edilmeginiň 30 ýyllygyny giňden belleýändigini, bu wajyp senäniň Garaşsyz türkmen döwleti üçin ähmiýetli wakadygyny, onuň daşary syýasatyndaky tapgyrlaýyn sepgitdigini belledi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri forumy jemläp, bu forumyň parahatçylyk we ynanyşmak diýen adynda beýan edilýän gymmatlyklaryň tarapdarlarynyň barha artýandygyny, onuň salgym däl-de, anyk düşünjelere öwrülýändigini, dünýä ösüşiniň hakyky şerti, netijeli gatnaşyklaryň we hyzmatdaşlygyň ahlak sütüni hem-de hereketlendiriji güýji bolup durýandygyny tassyklandygyny aýtdy.

Milli Liderimiz hemmeleri Halkara Bitaraplyk güni hem-de ýetip gelýän täze – 2026-njy ýyl bilen tüýs ýürekden gutlap, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna, Halkara Bitaraplyk gününe hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara forumy ýapyk diýip yglan etdi.

Forumda hormatly Prezidentimiziň we Gahryman Arkadagaymyzyň beýan eden teklipleri goldanyldy. Jemleýji resminama hökmünde Aşgabat Jarnamasy kabul edildi. Şeýlelikde, Halkara Bitaraplyk gününe hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan wekilçilikli forum tejribe alyşmak we dünýä jemgyýetçiliginiň tagallalaryny birleşdirmek üçin möhüm meýdança öwrüldi.

***Zöhre ROZYÝEWA.***
***S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň mugallymy,***
***Aýtäç RAHYMOWA,***
***şol uniwersitetiň talyby.***



# GURMAK WE DÖRETMEK — DÖWRÜŇ ŞANLY ŞYGARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Prezident maksatnamasyna laýyklykda, ençeme medeni-durmuş maksatly binalardyr desgalaryň, milli binagärlik aýratynlyklary bilen biri-birinden tapawutlanýan hassahanalaryň, saglyk öýleriniň, orta mekdepleriň, mekdebe çenli çagalar edaralarynyň, medeniýet öýleriniň, sport desgalarynyň, şeýle hem ähli amatlyklary bolan ýaşaýyş jaýlarynyň gurlup ulanmaga berilmegi halkymyzda şatlyk we buýsanç duýgularyny döredýär.

Belent maksatlara ruhlandyrýan, ajaýyp ösüşleriň hem-de köpugurly özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýän Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň toýly günlerinde hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň dakylmagy halkymyzda gyzgyn goldawa eýe boldy.

Ilimizde «Gurmak — ömürden» diýen dana pähim bar. Ýol, köpri gurmak sogaply iş hasaplanylýar. Häzirki gün Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzyň binagärlik ulgamyny milli ýörelgeler bilen döwrüň ösen tejribeleriniň utgaşdyrylmagynda sazlaşykly ösdürilmegi ugrundaky tagallalary ajaýyp netijeleri bilen guwandyrýar. Dürli maksatly binalardan ybarat şäheriň degişli düzümleri, seýilgäh zolaklary, suw çüwdürimler toplumlary, yşyklandyryş ulgamy özara sazlaşygy emele getirýär. Munuň özi şäherleriň, obalaryň özboluşlylygyny, türkmen binagärlik däpleriniň dabaralanýandygyny äşgär edýär. Gurulýan desgalaryň hatarynda durmuş, saglyk maksatly binalaryň gurluşygyna aýratyn ähmiýet berilmegi hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer taglymatynyň döwlet syýasatynyň esasy ugry bolup durýandygyny görkezýär. Ähli halk tarapyndan hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly ady dakmak baradaky çözgüdiň kabul edilmegi ýöne ýerden däldir. Munuň özi döwlet Baştutanymyzyň binagärligi döwrebap derejede ösdürmek boýunça öňe sürýän başlangyçlarynyň rowaç alýandygynyň, gurulýan desgalarda alnyp barylýan işleriň yzygiderli gözegçilikde saklanylýandygynyň, ýurdumyzda gurluşyk ulgamynyň we onuň önümçilik düzümleriniň häzirki zaman talaplaryna laýyk ösdürilýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Häzirki döwürde iri özgertmeleriň döredijilik nyşany bolan ak mermerli Aşgabat dünýäniň iň gözel we ýaşamak üçin amatly şäherleriniň biri bolmak bilen, Merkezi Aziýanyň merjeni hökmünde ykrar edildi. Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde ajaýyp ýadygärlikleri we gaýtalanmajak binagärlik çözgütleri bilen hemmeleri haýrana goýýan gözel paýtagtymyzyň ösdürilmegi döwlet ösüşiniň ilkinji nobatdaky wezipeleriniň hatarynda kesgitlendi.

Ýurdumyzda giň gerimde alnyp barylýan gurluşyklarda binagärlik we bezeg babatda täzeçillik pikirleriň ornaşdyrylmagy netijesinde merjen paýtagtymyzda, welaýatlarda we «akylly» Arkadag şäherinde gurulýan desgalaryň binagärlik keşbi ildeşlerimizi we daşary ýurtly myhmanlary haýran galdyrýar. Dünýäniň binagärlik we gurluşyk sungatynda deňi-taýy bolmadyk ak mermerli Aşgabat şäheri hem-de Milli Liderimiziň ýiti zehininden dörän Arakadag şäheri Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň döreden ajaýyp eserleridir.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ähli künjegini gurşap alan ägirt uly gurluşyklar berkarar Watanymyzyň diňe bir ykdysady kuwwatynyň däl, eýsem, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary bilen we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň alyp barýan parasatly döwlet syýasatyňyzyň mähriban halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş ýagdaýynyň ýokarlandyrylmagyna we Garaşsyz döwletimiziň gülläp ösmegine gönükdirilendiginiň aýdyň görkezijisidir.

Ýurdumyzda düýpli gurluşyklary amal edip, Watanymyzy dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşmak, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşynda döwrebap şertleri döretmek ugrunda giň gerimli işleri durmuşa geçirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza, Gahryman Arkadagymyza alkyşlarymyz çäksizdir.

***Maksat ANNAMUHAMMEDOW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Düýpli gurluşyk we maýa goýum bölüminiň başlygy.***

# ÝOKARY SYLAGLAR – BELENT MERTEBE

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öňdengörüjilikli we parasatly baştutanlygynda dünýäniň ähli ýurtlary bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga, deňhukuklylyk, birek-biregiň bähbitlerine hormat goýmak, özara düşünişmek esasynda hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmäge uly üns berýär.

Hormatly Prezidentimiz Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 16-17-nji noýabrynda Özbegistan Respublikasynda hem-de 24-25-nji noýabrynda Gazagystan Respublikasynda döwlet saparlarynda boldy. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň bu möhüm döwlet saparlary doganlyk döwletler bilen köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy berkitmekde, dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmekde möhüm ähmiýete eýe boldy.

Daşkentde we Astanada hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň hem-de Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýewiň arasynda geçirilen ýokary derejeli gepleşikleriň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalary alyşmak we gol çekmek dabarasy geçirilip, Bilelikdäki Beýannamalar kabul edildi. Şeýle hem döwlet saparlarynyň çäklerinde dürli ugurlara degişli möhüm resminamalaryň uly toplumyna gol çekilmegi özara hyzmatdaşlygyň barha giň gerime eýe bolýandygyny alamatlandyrdy.

Mälim bolşy ýaly, türkmen-özbek we türkmen-gazak halklaryny taryhyň dowamynda emele gelen medeni we ruhy gymmatlyklaryň umumylygy, asylly däpler baglanyşdyrýar. Bu däpler häzirki döwürde döwlet Baştutanymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Häzirki günde Türkmenistan bilen Özbegistan Respublikasynyň, Türkmenistan bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky dostlukly gatnaşyklar Merkezi Aziýada hoşniýetli goňşuçylygyň we strategik hyzmatdaşlygyň aýdyň nusgasy bolup durýar.

Özbegistan Respublikasyna bolan bu döwlet saparynyň dowamynda hormatly Prezidentimize doganlyk döwletiň ýokary döwlet sylagynyň — «Ýokary derejeli dostluk» («Oliý Darajali Dustlik») ordeniniň dabaraly gowşurylmagy döwlet Baştutanymyzyň halkara giňişlikde, hususan-da, Özbegistan bilen hoşniýetli dost-doganlyk gatnaşyklaryny we medeni-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek, parahatçylygy, ynanyşmagy pugtalandyrmak babatda öňe süren umumadamzat ähmiýetli başlangyçlarynyň we alyp barýan tutumly işleriniň ykrar edilýändigini görkezýär.

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen halkynyň buýsanjyny artdyran ýene bir şanly waka – hormatly Prezidentimize Gazagystan Respublikasynyň iň ýokary döwlet sylagynyň — «Altyn Kyran» ordeniniň dabaraly ýagdaýda gowşurylmagy bagtyýar ildeşlerimiziň buýsanjyny we guwanjyny artdyrdy.

Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk türkmen-gazak gatnaşyklarynyň esasy ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurtlarymyz özara haryt dolanyşygynyň möçberini has-da artdyrýarlar. Uglewodorod serişdelerini iri eksport ediji Türkmenistan hem-de Gazagystan nebitgaz ulgamynda işjeň hyzmatdaşlyk edýärler. Gadymy Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda ýerleşýän iki dostlukly döwlet Ýewropanyň, Merkezi Aziýanyň ýurtlaryny Pars aýlagy we Hind ummany bilen baglanyşdyrýan Demirgazyk — Günorta ulag geçelgesini ösdürmek boýunça işjeň tagalla edýärler. Bu ulag geçelgesiniň düzümine girýän Gazagystan — Türkmenistan — Eýran demir ýoly iki ýurduň hem-de tutuş sebitiň üstaşyr geçirijilik kuwwatyny artdyrmaga ýardam berýän taslamadyr. Ýurtlarymyz kenarýaka döwletler hökmünde Hazar deňziniň biodürlüligini goramak meseleleri boýunça hem hyzmatdaşlyk edýärler.

Biz hem Arkadagly Gahryman Serdarymyzy doganlyk döwletler bolan Özbegistan Respublikasynyň we Gazagystan Respublikasynyň iň ýokary döwlet sylaglaryna mynasyp bolandygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaýarys we döredijilikli başlangyçlarynyň hemişe üstünliklere beslenmegini arzuw edýäris. Goý, türkmen halkynyň ýüreginde beýik watansöýüjiligi, ynsanperwerligi we dost-doganlygy pugtalandyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, peder ýoluny ynamly dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun!

*«Türkmenistanyň senagaty».*

# ALKYŞ SIZE, ARKADAGLY GAHRYMAN SERDARYMYZ!

***Hormatly Prezidentimiziň gol çeken resminamalaryna laýyklykda, ýurdumyzyň dürli ulgamlarynda göreldeli zähmet çekýän ildeşlerimiziň ençemesine «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medalynyň degişli ýadygärlik nyşanlarynyň gowşurylmagy taryhy wakalara beslenen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň tamamlanyp barýan günlerinde olaryň buýsanjyna buýsanç, şatlygyna şatlyk goşdy. Olaryň arasynda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň edara-kärhanalarynda zähmet çekýän raýatlaryň hem bolmagy pudagyň işgärlerinde ýürek joşgunyny döretdi we olary täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrdy. Şa serpaýyna mynasyp bolanlaryň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we Gahryman Arkadagymyzyň adyna aýdýan alkyşlary belentden ýaňlanýar. Olaryň käbiriniň ýürek buýsanjyny okyjylara ýetirýäris.***



**Gurbangeldi BAÝRAMDURDYÝEW,
Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň
Aşgabat şäherindäki «Demirbetonönümleri» kärhanasynyň direktory:**

— «Çekseň zähmet – ýagar rehnet» diýlişi ýaly, hemişelik Bitarap ýurdumyzda her bir adamyň çeken zähmeti, edýän yhlasy myrat tapýar. Hormatly Prezidentimiziň ýakynda gol çeken Permamyna laýyklykda, maňa «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly gowşuryldy. Bu meniň üçin uly sowgat boldy. Meniň bu döwlet sylagy bilen Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly baýramynyň halkara derejesinde giňden bellenilýän günlerinde sylaglanmagym, mende aýratyn uly täsirleri galdyrdy we täze zähmet üstünliklerine ruhlandyrdy.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hem-de Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary netijesinde häzirki taryhy döwürde ýurdumyz senagat taýdan ösen döwlete öwrüldi. Ýurdumyzyň halk hojalygynyň beýleki ulgamlary bilen bir hatarda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagy hem ýokary depginler bilen ösdürilýär. Biz Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň önümçilik kärhanalarynda öndürilen ýokary hilli, dünýä ülňülerine laýyk gelýän gurluşyk materiallarynyň hem-de kärhanamyzda öndürilýän demirbeton önümleriniň ýurdumyzda uly depginler bilen alnyp barylýan dürli maksatly gurluşyklarda ulanylýandygyna guwanýarys. Şeýle hem biziň kärhanamyz tarapyndan öz öndüren gurluşyk önümlerimizi ulanmak bilen, dürli maksatly desgalar gurulýar. Bu bolsa, kärhanamyzyň agzybir işgärleriniň döwlet maksatnamalaryna laýyklykda alnyp barylýan işlere özleriniň mynasyp goşant goşýandygyny aňladýar.

Eziz Watanymyzyň ähli ugurlarda sazlaşykly ösmegi, döwletimiziň halkara abraýynyň barha ýokarlanmagy, halkymyzyň abadan durmuşda ýaşamagy, tutuş Ýer ýüzünde parahatçylygyň we abadançylygyň berkarar bolmagy ugurunda beýik işleri amala aşyrýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, il-ýurt bähbitli tutýan tutumly işleri rowaç bolsun!



Annamyrat MYRATLYÝEW, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Gökdepe kän müdirliginiň başlygy:

— Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň dünýä derejesinde giňden bellenilmegi halkymyzyň agzybirliginiň we döwletimiziň belent halkara abraýynyň aýdyň nyşanyna öwrüldi. Taryh üçin 30 ýyl uzak möhlet bolmasa-da, ol ýurdumyz üçin asyrlara barabar ösüşleriň, parahatçylygyň, abadançylygyň gülleýän döwri boldy.

Ähli ugurlarda uly rowaçlyklara beslenýän şu ýylda hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglanmagym meni has-da tutanýerli zähmet çekmäge ruhlandyrdy. Men muny diňe özüme däl, gije-gündiz yhlasly zähmet çekýän işgärlerimize berlen belent baha diýip hasaplaýaryn. senagat we gurluşyk önümçiligi pudagyna berýän ünsi we goldawy netijesinde biz kän müdirlimizde häzirki zaman enjamlarynda işläp, sarp edijilerde uly isleg bildirilýän magdan däl gurluşyk materiallaryny öndürýäris.

Meni şeýle sylaga mynasyp gören, halkymyzy ajap bagtyýar zamanada ýaşadýan, Watanymyzyň at-abraýyny dünýä derejesinde has-da belende galdyrýan Arkadagly Gahryman Serdarymyza, Gahryman Arkadagymyza çäksiz alkyş aýdýaryn.

Goý, hormatly Prezidentimiziň we Milli Liderimiziň janlary sag, ömürleri uzak, tutýan il-ýurt bähbitli we umumadamzat ähmiýetli beýik işleri rowaç alsyn!



Muhabbat HOJAÝEWA, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Türkmenabat şäherindäki «Demirbetonkonstruksiýa» kärhanasynyň armaturçysy:

— Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda, Halkara Bitaraplyk gününiň, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesine eýe bolmagynyň 30 ýyllygynyň berkarar döwletimizde giň gerimde uly ruhubelentlik bilen bellenilýän günlerinde meniň hem beýleki ildeşlerimiz bilen bilelikde hormatly Prezidentimiziň Permany esasynda «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglanmagym baýramçylyk şatlygymy goşalandyrdy. Bu döwlet sylagy meniň işime bolan jogapkärçiligimi hem höwesimi has-da artdyrdy we geljekki üstünliklere ruhlandyrdy.

Bu gün Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen, Türkmenistany bütin dünýä tanaýar. Hemişelik Bitarap Türkmenistan olar bilen dost-doganlyk, oňyn hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny gün-günden pugtalandyrýar. Ýakynda Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly, Halkara Bitaraplyk güni, Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynasybetli paýtagtymyzda geçirilen halkara wekilçilikli forum ýurdumyzyň halkara abraýynyň barha beýgelýändiginiň nobatdaky güwäsi boldy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiziň dürli ulgamlarynda, şol sanda senagat we gurluşyk önümçiligi pudagynda düýpli özgertmeler amala aşyrylýar. Türkmen halky bagtyýar durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar, gurýar we döredýär.

Bizi şeýle bagtyýar durmuşda ýaşadýan, zähmet adamynyň sarpasyny belent tutýan Milli Liderimize, hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýaryn.

**Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplygymyz diňe bir ýurdumyzyň parahatçylykly ösüşini kesgitlemän, eýsem, tutuş sebitde durnuklylyga, hyzmatdaşlyga ýardam berýän özboluşly ýörelgedir. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda türkmen Bitaraplygynyň dünýä derejesinde ykrar edilmeginiň şanly 30 ýyllygy halkara derejesinde giňden bellenildi. Bu baýramyň öňüsyrasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň ýiti zehininden dörän «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynyň çap edilmegi mähriban halkymyza ajaýyp sowgat boldy.**




# HOŞNIÝETLI ÝÖRELGELERIŇ BEÝANY

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly türkmen halkynyň durmuşynda taryhymyza altyn harplar bilen ýazyljak şanly ýyllaryň biri boldy. Berkarar döwletimiz ähli ugurlarda uly rowaçlyklara beslenip, bu şanly ýylda mähriban halkymyz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygyny hem-de Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramyny uly ruhubelentlik we buýsanç bilen belledi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk baýramynyň halkara derejesinde bellenilýän günlerinde «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabyny halkymyza peşgeş bermegi ýatdan çykmajak buýsançly waka boldy. Mähriban halkymyz bu many-mazmuna baý kitaby ýüzüne sylyp, buýsanç bilen kabul etdi. Kitabyň çapdan çykmagy bagtyýar halkymyz üçin bahasyna ýetip bolmajak gymmatly serpaý boldy.

Garaşsyz Türkmenistanyň ösüş arkaly parahatçylyga daýanýan, Ýer ýüzünde hoşniýetlilik, doganlyk ýörelgelerini dabaralandyrýan daşary syýasaty, ilkinji nobatda, onuň hemişelik Bitaraplyk derejesine esaslanýar. Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan hemişelik Bitaraplyk derejesi üç gezek ykrar edilen dünýäde ýeke-täk döwlet hökmünde Türkmenistan halkara giňişlikde, dünýäniň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda adamzadyň bagtyýar we abadan durmuşynyň hatyrasyna möhüm başlangyçlary öňe sürýär. Hormatly Prezidentimiziň «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitabynda hem şu hakykat aýdyň beýan edilýär.

Hormatly Prezidentimiziň Türkmen döwlet neşirýat gullugy tarapyndan ýokary çaphana usulynda çap edilen «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly kitaby Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyza belent maksatlara ýetmegiň ýolunda ruhy daýanç we şamçyrag bolup hyzmat eder. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň

bu ajaýyp kitaby 559 sahypadan we 9 bölümden ybarat bolup, ol üç dilde – türkmen, iňlis we rus dillerinde giň halk köpçüligine ýetirildi. Şeýle hem bu kitabyň hormatly Prezidentimiziň geçiren resmi duşuşyklaryndan alnan we beýleki suratlar bilen bezelmegi eseriň täsirliligini has-da ýokarlandyrýar.

Çuň many-mazmunly eserde türkmen Bitaraplygynyň taryhy köklerine daýanýan, Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Gurmasynyň netijeli hyzmatdaşlygynyň baý tejribesiniň hem-de Türkmenistanyň «Açyk gaplylar» syýasatynyň ähmiýetine, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurdumyzyň häzirki döwürde ýeten sepgitlerine, gazanan üstünliklerine, geljekde öňde durýan wezipelere uly orun berilýär. Şeýle hem täze kitapda «Parahatçylyk we ynanyşmak – döwrüň derwaýyslygy», «Bitaraplygyň ynsanperwer ölçegi», «XXI asyr: Türkmenistanyň geosyýasy we geoykdysady strategiýasy», «Parahatçylyk – türkmen siwilizasiýasynyň binýady» ýaly bölümlerde beýan edilýän meseleler bu kitabyň gymmatyny we ähmiýetini has-da artdyrýar.

Bulardan başga-da, kitapda Gahryman Arkadagymyzyň halkymyzyň ýankitabyna öwrülen gymmatly kitaplarynyň suratlarynyň we olardan bölekleriň berilmegi, şeýle-de bu eserde Milli Liderimiziň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygyny pugtalandyrmak, berkarar döwletimiziň at-abraýyny dünýä ýaýmak, sebitiň we dünýäniň döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny ýola goýamakda we hyzmatdaşlygy has-da ösdürmekde bitiren hyzmatlarynyň çeper we many-mazmunly beýan edilmegi hormatly Prezidentimiziň bu ajaýyp kitabynyň tapawutly taraplarynyň biridir.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gymmatly kitabynyň birinji «Bitaraplyk – türkmen paýhasynda» atly bölüminde «Hormatly okyjy! Siziň eliňizdäki bu kitap häzirki zaman dünýä syýasatynda özboluşly ýoly saýlan Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň çuňňur seljermesine bagyşlanýar. Bu eser diňe bir taryhy hakykatlaryň ýygyndysy dälde, eýsem, parahatçylygyň, hoşniýetli goňşuçylygyň we halkara hyzmatdaşlygyň pugta binýadyny emele getirýän milli filosofiýanyň giňişleýin beýanydyr» diýip belleýşi ýaly, türkmen Bitaraplygynyň dünýä ýüzündäki ähmiýeti örän uludyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň özüniň täze kitabynda beýan edişi ýaly, Türkmenistanyň Bitaraplygy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin adamzadyň gymmatlygydyr, parahatçylygy we ynanyşmagy rowaçlandyrmagyň möhüm şertidir. Bu täze kitabyň mazmunyndan görnüşi ýaly, hemişelik Bitaraplygymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe täze mana eýe boldy. Bitaraplyk derejesi – türkmen halkynyň milli guwanjyna, buýsanjyna, agzybirligiň we berkararlygyň nyşanyna öwrüldi.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň kitabyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly: taryhy resminamalar, gutlaglar, çykyşlar» atly bölümi hem örän täsirli çykypdyr. Bu bölümde Hormatly Prezidentimiziň çykyşlary, gutlaglary, kararlar we beýleki resminamalar berilýär. Bu bolsa kitabyň her bir okyjysy üçin Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň daşary syýasatynda alyp barýan işleriniň ýolgörkezijisi, halkymyz üçin belent maksatlara ýetmegiň ýolunda ruhy daýanç we şamçyrag bolup hyzmat eder.

Täze taryhy döwürde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň sebitde we dünýäde halkara hyzmatdaşlygyň has-da çuňlaşdyrylmagyna goşant goşjak, biziň ählimiz üçin, şol sanda ýaş nesiller hem-de geljekki halkaraçy hünärmenler üçin ylmy-edebi gollanma bolar. Biz «Türkmenistanyň Bitaraplygy — parahatçylygyň we ynanyşmagyň aýdyň ýoly» atly çuň many-mazmuna ýugrulan kitabyny peşgeş beren hormatly Prezidentimiziň galamynyň ýiti, döredijilik älemindäki gadamlarynyň dowamat-dowam bolmagyny arzuw edýäris. Goý, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän hormatly Prezidentimiz, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, döwlet hem halkara derejesinde alyp barýan işleri rowaç bolsun!

*«Türkmenistanyň senagaty».*




# AJAÝYP ESERLER — YLMY HAZYNA, EGSILMEZ RUHY GYMMATLYK

*Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň baýramynyň giňden bellenilýän günlerinde Gahryman Arkadagymyzyň iki kitaby — «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVII jildi we «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitaby çapdan çykyp, tanyşdyrylyş dabaralary geçirildi. «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVII jildi Gahryman Arkadagymyzyň düýpli ylmy-ensiklopediýasynyň üstüni ýetirdi.*

*Türkmen halkynyň Milli Lideriniň «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly kitabynda ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda durmuşa geçirilen ägirt uly işler anyk delilleriň, statistiki maglumatlaryň üsti bilen täsirli beýan edilýär. Gahryman Arkadagymyzyň bu eseri türkmen, iňlis we rus dillerinde giň okyjylar köpçüligine ýetirilýär.*

Eziz Watanymyzyň uly dabaralara beslenip, giňden bellenilen Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününe gabatlanyp geçirilýän «Saglygy goraýyş, bilim we sport Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe» atly halkara ylmy maslahatyň çäklerinde Gahryman Arkadagymyzyň täze kitaplarynyň tanyşdyrylmagy taryhy pursat boldy. Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVII jildi we «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly täze kitaplary saglygy goraýyş ulgamynyň işgärleri üçin baýramçylyk sowgady boldy.




Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň kabul edilenine 30 ýyl boldy. Bu maksatnama Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen işlenip taýýarlanylyp, milli saglyk ulgamynyň köpugurly pajarlap ösmeginde täze tapgyra badalga berdi. «Saglygy goraýyşda ýetilen sepgitler» atly täze kitapda ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ulgamynda bu döwürde durmuşa geçirilen uly işler beýan edilýär. Bu kitap 22 bölümden ybarat bolup, ulgamdaky ösüş-özgertmeler anyk delilleriň, statistiki maglumatlaryň üsti bilen beýan edilýär. Täze kitap diňe bir degişli ulgamlar däl, eýsem taryhy nukdaýnazaryndan hem gymmatly ähmiýete eýedir. Kitap bir ulgamy esaslaýyn ösdürmegiň taryhy ýoly bilen birlikde, döwlet tarapyndan adamlaryň saglygy barada edilýän aladalaryň derejelerini, bir ulgamyň ösüşiniň jemgyýetiň, ýurduň taryhy ösüşine näderejede täsir edýändigine anyk göz ýetirmäge mümkinçilik berýär.

## Il saglygy — ýurt baýlygy

Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň akademigi, lukmançylyk ylymlarynyň doktory, professor Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVII jildi bolsa, düýpli ylmy ensiklopediýasynyň nobatdaky dowamydyr. Türkmen topragynda bitýän dermanlyk ösümlikler hem-de milli fitoterapiýa baradaky bu özboluşly ylmy-ensiklopedik iş dünýäniň köp dillerine terjime edilip, daşary ýurt okyjylarynyň millionlarçasyna elýeterli boldy. Bu kitapda eziz Diýarymyzyň keremli topragynda bitýän ösümlik dünýäsiniň keselleri bejermekdäki gymmatly tebigy gorlary boýunça maglumatlar beýan edilýär. «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynyň XVII jildi «Dermanlyk ösümlikleriň häsiýetnamasy» hem-de «Maglumatnama» diýen iki bölümden ybaratdyr. Täze ylmy işde türkmen topragynyň şypaly hazynasy hasaplanýan 102 dermanlyk ösümlik barada doly, düýpli maglumatlar berilýär. Kitap ylmy ýörelgeleri ugur edinmek bilen, dermanlyk ösümlikleriniň atlaryndan ybarat sözlügi, dermanlyk içgileri taýýarlamagyň, olary ýygnamagyň usullary baradaky maglumatlary özünde jemleýär.

Baý mazmunly ensiklopediýa okyjylary ýurdumyzyň tebigaty bilen ýakyndan tanyşdyrýar. Türkmenistanyň derman senagatynyň has-da kämilleşdirilmegi, ýerli dermanlyk ösümlikleriň melhemlik häsiýetlerini öwrenmek boýunça uly alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň döwet galamynyň ýiti bolmagyny arzuw edýäris.

***Orazberdi ANNADURDYÝEW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasynyň Önümçilik-tehniki we tehnologiki bölüminiň başlygy-baş tehnolog.***

# AWAZADA HALKARA SERGI WE MASLAHAT GEÇIRILDI




***Şu ýylyň 3-4-nji noýabrynda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, himiýa, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly halkara sergisi geçirildi. Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi tarapyndan guralan giň gerimli sergide gurluşyk we senagat önümçiligi, energetika, himiýa senagaty, ýol gurluşygy ulgamlarynda Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiziň gazananlary, halkara derejesinde meşhur kompaniýalar tarapyndan hödürlenýän ýöriteleşdirilen enjamlary, häzirki zaman öňdebaryjy tehnologiýalary giňişleýin sergilendi.***

Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň, Hökümet agzalarynyň, ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalaryň hem-de halkara guramalarynyň, habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleriniň gatnaşmagynda açylyş dabarasyna ak pata berlen serginiň başynda döredijilik toparlarynyň aýdym-sazly çykyşlaryna uly orun berildi. Hormatly Prezidentimiziň foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagy okaldy.

Onda Garaşsyz Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda guralýan halkara serginiň we maslahatyň ýurdumyzyň senagat kuwwatyny artdyrmakda, gurluşyk we senagat toplumynyň pudaklarynyň milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýa ýoly bilen ösdürmek, dünýä bazarlarynda uly islegden peýdalanýan harytlaryň täze önümçiligini döretmek we bar bolanlarynyň

**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**

**— Gurmak we döretmek Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň esasy şygarydyr. Innowasion önümçilikleri döretmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini düýpli özgertmek boýunça gurluşyk we senagat toplumynda uly işler amala aşyrylýar.**

kuwwatyny artdyrmak boýunça ileri tutulýan maksatnamalary durmuşa geçirmekde uly ähmiýete eýedigi bellenilýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Awazada geçirilýän bu möhüm çäräniň Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe sebitleri senagatlaşdyrmaga we durmuş-ykdysady taýdan has-da ösdürmäge, toplumyň pudaklaryna häzirki zaman tehnologiýalaryny ornaşdyrmaga, sanly ykdysadyýet konsepsiýasyny işjeň durmuşa geçirmäge ýardam etjekdigine hem-de türkmen hünärmenleri bilen daşary ýurt kompaniýalarynyň wekilleriniň özara tejribe alyşmagynda, geljekde giň gerimli









hyzmatdaşlygy ýola goýmakda, iki tarapa hem bähbitli taslamalary ara alyp maslahatlaşmakda uly ähmiýete eýe boljakdygyna berk ynam bildirdi.

Häzirki döwürde ýurdumyzda gazanylýan ägirt uly üstünlikler netijesinde berkarar döwletimiz gülläp ösýär. Bu üstünliklerde milli ykdysadyýetimiziň her bir ulgamynyň, her bir pudagynyň mynasyp paýy bar. Şunda gurluşyk we senagat toplumynyň pudaklarynda gazanylýan öňegidişlikler hem örän uludyr. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň hünär baýramy mynasybetli Türkmenistanyň gurluşyk we senagat toplumynyň işgärlerine iberen Gutlagynda «Täze taryhy eýýamda gurluşyk we senagat toplumy milli ykdysadyýetimiziň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi hem-de onuň möhüm düzümleri bolan senagat, gurluşyk, himiýa, energetika we ýolgurluşyk pudaklary ýokary depginler bilen ösýär. Milli we döwlet maksatnamalarynyň, sebit hem halkara ähmiýetli iri taslamalaryň netijeli durmuşa geçirilmeginde bu topluma kesgitleýji orun degişlidir» diýip belledi. Sergide görkezilen Senagat we gurluşyk önümçiligi, Gurluşyk we binagärlik, Energetika ministrlikleriniň, «Türkmenhimiýa» DK-niň, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky




döwlet agentliginiň, ýurdumyzyň we daşary ýurtly kompaniýalaryň oňat bezelen diwarlyklary munuň hakykatdan hem şeýledigini görkezdi.

Serginiň iri pawilyonlarynda yerleşdirilen gurluşyk we senagat toplumynyň düzümine girýän pudaklaryň innowasion tehnologiyalar bilen enjamlaşdyrylan häzirki zaman kärhanalarynda öndürilen döwrebap önümler oňa gatnaşyjylarda we myhmanlarda uly




luşygy giň gerim bilen alnyp barylýar. Görenleri haýrana galdyrýan Arkadag şäheri Gahryman Arkadagymyzyň binagärlik pikirleri hem-de öz gözegçiligi esasynda kemala geldi, sanlyja ýylyň dowamynda tarp ýerden sebitde deňi-taýy bolmadyk täze şäher döredi. Bu gün Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynyň häzirki zaman we kaşaň binalary Merkezi Aziýada ilkinji «akylly» şäher hökmünde bu ýere gel-







täsir galdyrdy. Olar sergä we maslahata gatnaşyjylaryň ünsüni özüne çekmek bilen, Garaşsyz döwletimiziň ösüşiň hem rowaçlygyň ýoly bilen öne ynamly gadam urýandygyny, ýurdumyzyň dünýäniň kuwwatly we durnukly ösýän döwletleriniň birine öwrülýändigini görkezdi.

Häzirki döwürde Diýarymyzda binagärlik keşbinde döwrümiziň döredijilik ruhuny jemleýän täze nusgalyk şäherleriň, şäherçeleriň, döwrebap obalaryň ençemesi guruldy. Şeýle hem olaryň ençemesiniň gurýänlere gujagyny giňden açýar, döwrebap şäheriň ikinji tapgyrynyň gurluşyklary hem ýokary depginde dowam etdirilýär. Arkadag şäheriniň birnäçe abraýly halkara baýraklara mynasyp bolandygyny hem aýratyn bellemek gerek. Şu halkara forum bilen ugurdaş geçirilen maslahatda-da «akylly» şäheriň ýurdumyzyň gurluşyk we senagat strategiýasynyň çäklerinde gurluşyk işlerini alyp barmakda, gurluşyga innowasion hem-de «akylly» infrastruktura çözgütlerini ornaşdyrmakda durmuşa geçirilýän döredijilikli we

netijeli işler üçin ýörite Şahadatnama bilen sylaglanyldy. Bu bolsa öz ýurdumyzda öndürilen gurluşyk materiallaryndan gurlan «akylly» şäheriň nä derejede ýokary derejeliliginden, onuň gurluşygyny alyp baran ildeşlerimiziň ussatlygyndan habar berýär.

Ýurdumyzyň beýleki sebitleri bilen bilelikde Aşgabat şäheriniň binagärlik-şähergurluşyk keşbi hem barha özgerýär. Indi gözel paýtagtymyz ýaşamak, işlemek we dynç almak üçin amatly şäherleriň birine öwrüldi. Merjen şäherimizde diňe şu ýylyň oktýabr aýynda dürli maksatly binalaryň we desgalaryň birnäçesi, şol sanda Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň binalary açylyp ulanmaga berildi.

«Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda», «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» kesgitlenen wezipelere laýyklykda, soňky ýyllarda ýüzlerçe ýaşaýyş jaýlary, medeni-durmuş maksatly döwrebap binalar, möhüm önümçilik desgalary gurlup halkymyzyň hyzmatyna berildi. 2024-nji ýylda işe girizilen Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Lebap we Bäherden sement zawodlarynyň ikinji tapgyrlaryny, şu şanly ýylda açylyp ulanmaga berlen «Bäherden» keramiki kärhanasyny hem-de paýtagtymyzyň demirgazygyndaky senagat toplumynyň çäginde gurlup ulanmaga girizilen Çüýşe önümlerini öndürýän önümhanany hem şeýle önümçilik desgalarynyň hatarynda görkezmek bolar. Mälim bolşy ýaly, 2025-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň gatnaşmagynda «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň Türkmenabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň, şeýle hem 2-nji noýabrda Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň çäginde karbamid öndürýän toplumyň hem-de «Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedi» awtomobil ýolunyň «Türkmenbaşy — Garabogaz» böleginiň gurluşyklarynyň düýbi tutuldy. Şeýle hem bu günde Garabogaz köl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsi işe girizildi.

Halkara sergi bilen ugurdaş geçirilen maslahatyň dowamynda oňa gatnaşan gurluşyk we senagat toplumynyň, öňdebaryjy kompaniýalaryň ýolbaşçylarynyň hem-de wekilleriniň, mejlise gatnaşyjy beýleki hünärmenleriň ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmekde giň mümkinçiliklerden peýdalanmak, ýurdumyzyň senagatyny ösdürmek, toplumyň ugurlaryna maýa goýumlaryny çekmek hakyndaky pikirler, öňdebaryjy kompaniýalaryň innowasion tehnologiýalary bilen abzallaşdyrylan döwrebap kärhanalary gurmak, ozaldan bar bolanlarynyň durkuny täzelemek, döwrebaplaşdyrmak, import we eksport ugurly harytlaryň önümçiligini ýola goýmak baradaky çykyşlary diňlenildi.

Şeýle hem forumyň çäklerinde Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi bilen Germaniýa Federatiw Respublikasynyň 3 sany iri kompaniýalarynyň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnamalara, soňra «Türkmenhimiýa» döwlet konserni bilen Hytaý Halk Respublikasynyň we Ýaponiýanyň kompaniýalarynyň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnamalara, şeýle hem Türkmenistanyň Energetika ministrligi bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň kompaniýasynyň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama we Ýaponiýanyň kompaniýasy bilen Çarçuwaly Ylalaşyga gol çekişlik dabaralary boldy.

Halkara sergä we maslahata gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň adyna Ýüzlenme kabul etdiler. Onda Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň hünär baýramyny geçirmäge beren goldaw-hemaýatlary hem-de toplumyň pudaklarynyň has-da ösdürilmegi we milli ykdysadyýetimiziň mundan beýläk hem kuwwatlanmagy üçin özleriniň tutanýerli we yhlasly zähmeti bilen mynasyp goşant goşmaga döredip berýän mümkinçilikleri we şertleri üçin hormatly Prezidentimize, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirilip, alkyş sözleri beýan edildi hem-de olaryň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak we berkarar döwletimiziň gülläp ösmegi hem-de mähriban halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy üçin alyp barýan tutumly işleriniň rowaç bolmagy arzuw edildi.

***Bäşim BÄŞIMOW,***
***«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň redaktory.***




# DÖWREBAP DESGALAR — DÖWRÜMIZIŇ ÝARAŞYGY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 2-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Balkan welaýatyna iş saparyny amala aşyryp, Türkmenbaşy etrabynyň çäginde karbamid öndürýän toplumyň gurluşygynyň, Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedi awtomobil ýolunyň Türkmenbaşy — Garabogaz böleginiň düýbüni tutmak, şeýle hem Esenguly etrabynda agyz suwuny arassalaýjy desganyň we Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän awtomobil köprüsiniň açylyş dabaralaryna gatnaşdy. Bu dabaralaryň ýurdumyzda giňden bellenilýän Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününiň öňüsyrasynda geçirilmegi aýratyn many-mazmuna eýedir.

Bulardan başga-da 2025-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň Türkmenabat şäherindäki S. A. Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüni tutandygyny hem bellemek gerek. Munuň özi ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyçlaryny üstünlikli durmuşa geçirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda köpri gurmak, ýol çekmek ýaly sogaply işleriň dowamata atarylýandygynyň aýdyň beýanydyr.

Häzirki wagtda ýerli çig malyň binýadynda öndürilýän önümleriň möçberini artdyrmak maksady bilen, gurluşyk we senagat toplumynyň düzümindäki önümçilik desgalaryny döwrebaplaşdyrmak, importyň ornuny tutýan, eksport ugurly önümleri öndürýän täze önümçilikleri döretmek boýunça yzygiderli işler durmuşa geçirilýär. Şunuň bilen bir hatarda, ýurdumyzyň ýol-ulag düzümini kämilleşdirmek, täze halkara ulag geçelgelerini döretmek babatda iri taslamalar amala aşyrylýar. Şonuň netijesinde, häzirki döwrüň ýokary talaplaryna laýyk gelýän awtomobil ýollarynyň ösen ulgamy kemala getirildi.

Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda

düýbi tutulýan täze karbamid öndürýän toplum hem uly möçberli maýa goýum taslamalarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda häzirki wagtda «Tejenkarbamid», «Marykarbamid», «Garabogazkarbamid» zawodlary hereket edýär. Bu täze gurulýan toplum hem ekologik taýdan dünýä standartlaryna gabat geler. Häzirki zaman toplumynyň gurluşygyny Ýaponiýanyň «Mitsubishi Corporation» we Türkiýäniň «Gap Inşaat» kompaniýalarynyň konsorsiumy ýerine ýetirer. Täze toplumyň önümçiliginde Ýewropanyň, Aziýanyň öňdebaryjy kompaniýalarynyň kämil tehnologiýalary ornaşdyrylar.

Bu ýerde bir gije-gündiziň dowamynda 2 müň tonna, ýylda 660 müň tonna ammiak öndüriler we ol çig mal hökmünde karbamid önümçiliginde peýdalanylar. Umuman, kärhanada bir gije-gündiziň dowamynda 3 müň 500 tonna, ýylda bolsa 1 million 155 müň tonna karbamid döküni öndüriler. Bu döwrebap kärhanada öndüriljek dökünler daşary ýurtlara hem eksport ediler. Täze kärhanada müňden gowrak täze iş orny dörediler. Zähmet çekjek hünärmenleriň köpüsi daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde taýýarlanyp, olaryň işlemegi üçin ähli zerur şertler dörediler.

2025-nji ýylyň 15-nji oktýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň Türkmenabat şäherindäki S. A. Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüni tutup berendigi hem guwandyryjy ýagdaýdyr. Bu döwrebap toplum ösen innowasion enjamlar bilen üpjün ediler we ýokary hilli fosfor dökünleri öndürer. Toplumda ýylda 350 müň tonna superfosfat we 100 müň tonna ammoniý sulfaty öndüriler.

Ýurdumyzyň himiýa senagatynyň düzüminde şeýle kuwwatly we döwrebap senagat kärhanalary gurlup işe girizilenden soň, olar sebitiň ykdysady ösüşine aýratyn täsir eder. Bu himiýa toplumlarynyň gurluşyk taslamalary ýurduň gazhimiýa senagatynyň hem-de oba hojalygynyň ösüşine uly goşant goşjak milli taslamalardyr. Şeýle hem olar ýurdumyzyň himiýa senagatynyň kuwwatyny ep-esli artdyrmaga, ýurdumyzyň oba hojalyk önüm öndürijilerini we içerki sarp edijileri ýokary hil görkezijilerine gabat gelýän dökünler bilen ygtybarly üpjün etmäge mümkinçilik berer.

Berkarar döwletimizde täze awtomobil ýollary we köprüleri yzygiderli gurulýar. Şu günde Garabogazköl aýlagynyň üstünden geçýän täze, döwrebap awtomobil köprüsiniň ulanmaga berilmegi hem muňa şaýatlyk edýär. Bu taslamany türkmen gurluşykçylary bilen bilelikde «Altkom» jogapkärçiligi çäkli jemgyýeti ýerine ýetirdi. Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystanyň serhedine barýan awtomobil ýolunyň ugrunda gurlan bu döwrebap köpriniň umumy uzynlygy 354 metr, ini bolsa 21 metrdir. Şeýle hem şol gün hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan ugry boýunça awtomobil ýolunyň düýbi tutuldy. Umumy uzynlygy 207 kilometr bolan bu döwrebap ýolda ýolagçylardyr sürüjiler üçin ähli şertler dörediler. Şeýle hem bu ýol-ulag düzümi halkara ähmiýetli ulag ugurlarynyň möhüm bölegine öwrüler. Täze köpri we awtomobil ýoly ýurdumyzyň günbatar hem demirgazyk sebitleriniň, goňşy döwletleriň arasynda haryt dolanyşygynyň, ulag we ýolagçy gatnawlarynyň möçberini has-da artdyrar. Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň üsti bilen amala aşyrylýan ýük dolanyşygyny artdyrmaga ýardam berer.

Şu dabaraly günde hormatly Prezidentimiziň ak pata bermegi bilen Balkan welaýatynyň Esenguly etrabynda täze agyz suwuny arassalaýjy desga hem işe girizildi. Häzirki döwürde «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasynyň» çäklerinde ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda döwrebap suw desgalary gurlup ulanmaga berilýär. 8 gektar meýdanda ýerleşýän, Ýewropanyň ýokary hilli tehnologiýalary ornaşdyrylan, deňiz suwundan bir gije-gündiziň dowamynda 20 müň kub metr arassa agyz suwuny öndürmäge ukyply bolan bu täze suw desgasy hem munuň aýdyň mysalydyr.

***«Türkmenistanyň senagaty».***

# AŞGABAT — BAGTYÝARLYK ŞÄHERI



2013-nji ýylyň 25-nji maýynda paýtagtymyzda bolan şeýle waka hiç ýadymdan çykanok. Bilşimiz ýaly ak merjen paýtagtymyzyň Maslahat köşgünde geçirilen dabaraly maslahatda Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabynyň ýörite wekili ak merjen şäherimiziň bütin dünýäde ak mermer bilen örtülen binalaryň köp sanlysyny özünde jemleýän iň bir owadan şäherleriň biri hökmünde hasaba alnandygy hakynda aýdypdy. Şol taryhy maslahatyň dowamynda şäherimiziň dolandyryş çäginiň giňeldilendigi, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowa «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» diýen hormatly adyň dakylýandygy mynasybetli Karar okalypdy.

Dünýäniň iň bir bagtyýar ýaşaýjylarynyň ýaşaýan ýeri bolan, ak mermer binalary bilen «Merkezi Aziýada ak merjen şäher» diýlip ykrar edilen, ilkinji gurlan «akylly» öýli, eýýam 2007-nji ýylda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi diýlip bilnen, 2008-nji ýylda Baş baýdak sütüniniň beýikligi bilen Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabynyň sahypalaryndan orun alan, 2013-nji ýyldan bäri her ýylyň 25-nji maýy Aşgabat şäheriniň güni hökmünde baýram edilýän, 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary geçirilen, 2024-nji ýylda «Arkadaşlygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilen paýtagtymyz, türkmen halkynyň Milli Lideriniň, şonuň ýaly-da Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň öz çykyşlarynda belleýişleri ýaly, 2020-nji ýylyň 10-njy noýabrynda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyç-tagallasy netijesinde paýtagtymyzda gurlup, ulanmaga berlen täze ýaşaýyş jaýlar toplumy bilen ilkinji «akylly öý» taslamasynyň durmuşa geçirilendigi öz döwrüniň özboluşly täzeligidir.

Paýtagtymyzyň hemmetaraplaýyn ösen, kämil, arassa hem gözelliklere beslenen, täze gurulýan binalalary bilen sazlaşýan, dünýä derejeli ýollary, seýilgähleri, öňdebaryjy, nusgalyk, ýokary amatlykly edara binalary, ýaşaýyş jaýlary görenleri haýrana galdyrýar. Ak mermerli şäherimiz barada Arkadagly Gahryman Serdarymyz hem: «Milli öwüşginli, taryhy hem-de medeni gymmatlyklary özünde jemleýän köp sanly desgalaryň halkara derejede ykrarnama eýe bolmagy Aşgabadyň dünýäniň iň owadan şäherleriniň hatarynda öz ornuny pugtalandyrmagynyň aýdyň güwäsidir. Munuň şeýledigine şäheriň birnäçe desgalarynyň binagärlik aýratynlygy boýunça Ginnesiň rekordlar kitabynda orun almagy hem aýdyň şaýatlyk edýär. Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasy tarapyndan paýtagtymyz Aşgabadyň «Dizaýn» ugry boýunça ÝUNESKO-nyň döredijilik şäherleriniň toruna girizilmegi-de örän buýsandyryjy wakalaryň biridir» diýip belleýär.

«Aziýanyň merjen şäheri» hökmünde ykrar edilen, owazasy dünýä dolan, bir göreniň «Ýene bir görsedim» diýip arzuw edýän, üýtgeşik ak mermerden «don» geýen edara binalary, ýaşaýyş jaýlary, köşgi-eýwanlary bilen myhman bolup gelenleri, ýerli ilaty haýrana goýýan, halkara derejesindäki žurnalistleriň, öz kesbiniň ussatlary bolan ýazyjy-şahyrlaryň dilleriniň senasyna öwrülen paýtagt şäheri dünýäniň iň bir gelim-gidimli, halkara derejesindäki çäreleriň geçirilýän ýeri hökmünde hem uly at-abraýyň eýesidir. Ol gündogardan «Dünýä medeniýetiniň ojagy» diýilýän, özem 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlen, ak bugdaýyň mekany hasaplanylýan gadymy Änew şäheri bilen araçäkleşýän, günbatardan hem rowaýaty patyşa Ärsagyň, şazada Rodogunanyň ýaşan, atlary äleme dolan şäheri bolan Nusaýy öz içine alýan, demirgazyk-günbatardan Garawuldepäni, ýene bir tarapdan hem Köpetdagyň eteginde ýerleşen Namazgähdepäni, Altyndepäni, Ulugdepäni öz içine alýan şäherdir hem-de ol mundan 144 ýyl ozal Beýik Ýüpek ýolunyň ugrunda, oba-kentleri suwlulandyrýan akar ýabyň iki kenarynda ýerleşmek arkaly ilki indi göze görnüp ugran Ashabat bolanlygyndan häzirki wagt dünýäniň iň gözel şäherine öwrülendigi, türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň «Ak şäherim Aşgabat» kitabynda beýan edişi ýaly, «Röwşen geljegiň binýadyna», «Halkara hyzmatdaşlygynyň merkezine» öwrülen Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ýüregidir.

Şeýle-de şahyryň belleýşi ýaly:

**Ynsan kalby deýin, şaýollaryň giň,**
**Goýnuň ata-baba gelýän ýeridir.**
**Enemiň roýy deý, ýyly gujagyň,**
**Gör-ä, mähir-yhlas bilen pürepür.**

**Durmuşym duýguly, ýol-ýodam setir,**
**Güneş gök-asmandan döküýär bol nurun.**
**Seniň keşbiň güllän nara meňzedip,**
**Durun golaýynda äpet dutaryň.**

**Saňa dünýä halky bakýar hyrydar,**
**Seýilgähleň göýä Eremiň bagy.**
**Hemem mawy asmanyňy bezeýär,**
**Berkarar döwletiň beýik baýdagy.**

**Binalaryň bakylyga badalga,**
**Aýnaň ýüzi ýaly, ýollaryň göni?!**
**Dünýä halklaryny goýýar haýrana —**
**Ägirt uly çüwdürimler toplumy.**

**Biz barýarys öňe, belent tug golda,**
**Ýaşaýarys sende, gör, aman-esen.**
**Berkararlyk içre bagta badalga,**
**Ak şäherim sen!**

diýlip wasp edilýän, şäherleriň naýbaşysy bolan, «Merjen şäher — Aşgabat» diýlip tarypy ýetirilýän gözel Aşgabat Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň paýtagtydyr.

*Merjen GELDIÝEWA,*
*Aşgabat şäher häkiminiň bilim, medeniýet, saglygy goraýyş we sport boýunça orunbasary.*

**Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW:**

**— Täze taryhy döwürde Arkadag şäheriniň gurulmagy aýratyn ähmiýete eýedir. Bu günki gün ol ýurdumyzy bütinleý özgerdýän, Ýer ýüzündäki abraýyny has-da belende göterýän beýik işleriň aýrylmaz bölegine öwrüldi.**

# MILLI BINAGÄRLIGIŇ GÖWHER GAŞY

Merkezi Aziýada ilkinji «akylly» şäher hökmünde ör-boýuna galan, heniz görlüp-eşdilmedik «ýaşyl» tehnologiýaly, 2024-nji ýylyň sentýabrynda Koreýa Respublikasynda geçirilen «World Smart City Expo — 2024» atly «akylly» şäherleriň halkara sergisinde «Iň tapawutlanan «akylly» şäher», «Daşary ýurt «akylly» şäheri, «World Smart City — 2024» «akylly» şäherleriň halkara sergisine goşan uly goşandy üçin» atly baýraklara mynasyp bolan Arkadag şäheri açylyş dabarasyna ak pata berlen gününden bäri Türki medeniýetiň halkara guramasynyň «XXI asyryň şäheri» atly ýörite şahadatnamasy; «Türki dünýäniň ilkinji «akylly» şäheri atly şahadatnama; «Paýtagtlaryň we iri şäherleriň halkara assambleýasy» assosiasiýasynyň şäher gurluşynda «akylly» şäher maksatnamasynyň toplumlaýyn durmuşa geçirilendigi üçin diplomy; Birleşen Milletler Guramasynyň Senagat ösüşi boýunça guramasynyň 2030-njy ýyla çenli durnukly ösüşiň gün tertibiniň inklýuziw we durnukly senagat ösüşine (ISID) gönükdirilen dördünji senagat öwrülişiginiň (4IR) sanly tilsimatlaryny ulanmak arkaly «akylly» şäheri gurmak babatda goşandy üçin Minnetdarlyk güwänamasy kimin uly, abraýly sylaglara, baýraklara mynasyp bolandygy «akylly» Arkadag şäheriniň dünýä derejesinde nähili uly abraýlara eýe bolandygyna ýönekeýje mysaldyr. Gurluşygyna başlanan gününden Gahryman Arkadagymyzyň atalyk aladasy bilen gurşalan, ilkinji tapgyrynyň gurluşygyna 2023-njy ýylda badalga berlip, onuň gurluşygynyň 2026-njy ýylda tamamlanmagy göz öňünde tutulýan, onuň ikinji tapgyrynda her biri 720 orunlyk umumybilim berýän mekdepleriň bäşisini, 320 orunlyk çagalar baglarynyň 9-syny, etrap häkimliginiň binasyny, saglyk we çagalar seýilgählerini, söwda hem hyzmat ediş toplumyny, saglyk öýüni, awtotoplumy, demirýol we awtomobil menzillerini we beýleki durmuş maksatly binalary gurmak göz öňünde tutulýan Arkadag şäherinde häzirki wagtda gurluşyklar ýokary depginde alnyp barylýar.

Öňdebaryjy sanly, «ýaşyl» tehnologiýalara esaslanýan, «akylly» şäher hökmünde ykrar edilen, gurluşygy iki tapgyrda amala aşyrylmagy göz öňünde tutulan Arkadag şäheriniň gurluşygy diňe bir türkmen topragynda däl, eýsem halkara derejesinde hem dünýä ýaň salan «akylly» şäherleriň biridir. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlangyç-tagallasy, howandarlygy, atalyk aladalary, hemişelik gözegçiligi astynda gurlup ör-boýuna galdyrylýan, özem Döwlet ähmiýetli şäher atly aýratyn hukuk derejesine eýe bolan Arkadag şäheri häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda dowam etdirilýän ägirt uly özgertmeleriň anyk netijesi bolmak bilen, medeni-durmuş hem beýleki maksatly binalaryň 336-syny öz içine alýan, iň bir häzirki zaman awtoulag serişdeleri, şonuň ýaly-da elektromobiller bilen üpjün edilen, «Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň sebitde durnukly, «ýaşyl», howa üçin oňaýly we innowasion çözgütli şäherleri ösdürmek» taslamasyna goşulýandygy baradaky Güwänama gowşurylan, häzirki wagtda ulgam boýunça

öňde goýlan wezipeleriň üstünlikli çözülýän şäheri hökmünde hem hemmeleriň ünsüni özüne çekýär.

Hemmetaraplaýyn ösdürilýän, Milli Liderimiziň kalp gözelliginiň dowamaty-dowamy, dünýäniň hem milli binagärligiň aňrybaş derejesi, bezegiň, tehnologik üpjünçiligiň iň bir gowy nusgasyny özüne birikdiren «akylly» şäheriň gurluşygynyň birinji tapgyrynda köp sanly ýaşlardan ybarat hünärmenleriň 15 müňden gowragy zähmet çekdi. Şol döwür eziz Diýarymyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň 240-sy bu ajaýyp şäheriň ýaşaýyş jaýlaryna «akylly» öý ulgamyny ornaşdyrmakda ýokary netijeli işleri amala aşyrdylar. «Akylly» Arkadag şäheri üçin programma üpjünçiligi hem «Arkadagly ýaşlar» diýen ada mynasyp bolup, ol döwrüň häzirki zaman şäheri hökmünde at-abraýy ummanlar aşan, häzirki zaman täzeçilliklerini özünde jemlän Arkadag şäherine binagärlik, ekologik derejesi bilen bagly Ýewropanyň Hil barlaglary boýunça jemgyýetiniň hil baradaky baýragynyň we güwanamalarynyň gowşurylandygy, şeýle-de onuň hil dolandyryş ulgamynda ilerleýän başlangyçlary, gazanýan üstünlikleri üçin «Hil saýlawy — 2024» nyşany bolan «Diamond» derejesine mynasyp bolandygy biziň üçin iň bir guwandyryjy wakalaryň biridir, şonuň ýaly-da Arkadag şäheriniň lukmançylyk klasteriniň önümleri halkara derejesinde hasaba alnyp, olaryň haryt nyşany Bütindünýä intellektual Eýýeçilik Guramasynyň Halkara býurosynyň degişli güwanamasy bilen tassyklandy.

Bary-ýogy dört ýyldan gowrak wagtyň dowamynda birinji tapgyry gurlup ulanmaga berlen, häzirki wagtda hem ikinji tapgyrynyň gurluşygy ýokary depginde alnyp barylýan, owadanlygy, döwrebaplygy, häzirki döwrüň ösen talaplaryny ödeýändigi, hemmetaraplaýyn göze gelüwliligi bilen ünsüňi özüne çekýän Arkadag şäheri «Döwrüň beýik gudraty» diýlip atlandyrylmak bilen, iri ylym-bilim, medeniýet we halkara hyzmatdaşlyklarynyň merkezine öwrülýän şäherdäki «Ahalteke atlary» şaýoly, «Polatly» binasy we beýleki üýtgeşik binalary bilen hemmeleriň ünsüni çekýär.



Ol üýtgeşik binalary, göze gelüwliligi, ylym-bilim, medeniýet, halkara derejeli hyzmatdaşlyk merkezleri we beýlekileri bilen halkara sylaglarynyň 21-isine mynasyp boldy. Bu ajaýyp şäheriň gurluşygynda «akylly» şäher konsepsiýasynyň kadalarynyň, «ýaşyl» tehnologiýalaryň giňden ulanylmagy, şäheriň derejesiniň we ähmiýetiniň ýurdymyzyň kanunçylygynda hukuk taýdan berkidilmegi, şunuň bilen baglylykda hem, dünýäde mynasyp orna eýe bolmak arkaly, Arkadag şäherini 2024 — 2052-nji ýyllarda ösdürmegiň Konsepsiýasynyň taýýarlanylandygy aýratyn bellärliklidir.

Ösen, iň bir häzirki zaman, döwrebap şäherleriň biri hökmünde ýol-ulag düzümleri, yşyklandyryş ulgamy, elektrobuslary, elektromobiller gatnawy, awtoulaglary goýmak üçin «akylly» awtoduralgalary, gün we ýel batareýalary, yşyklandyryş ulgamy arkaly döwrüň ýokary durmuş medeniýetiniň gözellik dünýäsini üpjün edýändigi bilen diňe bir biziň üçin däl, eýsem bu ýere gelýän hormatly myhmanlar üçin hem üýtgeşik täzelikleriň biri bolup ör-boýuna galýar.



Arkadag şäheriniň birinji tapgyrynda gurluşyklaryň bökdençsiz alnyp barlandygy, şeýle täze, döwrebap Arkadag şäheriniň ikinji tapgyrynyň hem heniz görlüp-eşdilmedik taslamasynyň durmuşa geçirilýändigi, munuň şeýle bolmagy üçin bu ýere Gahryman Arkadagymyzyň saparlarynyň yzygider amala aşyrylýandygy, onuň dokuzynyň düzüw bolmagy babatdaky işleriň Gahryman hem mähriban Arkadagymyz tarapyndan gözden salynmaýandygy öz oňyn netijesini hem berýär. Täze, häzirki zaman binagärlik merkezleriniň biri bolan Arkadag şäheriniň şähergurluşygyň toplumlaýyn ulgamyny öz içine alýandygy onuň tapgyrlaýyn dowam etdiriljek gurluşygynda säwliklere ýol berilmezligi babatda düýpli esas bolup durýandyr.

Ynsan ruhunyň bitewüligini, milli jebisligini öz içine alýan metjit binasy bilen aklyňy haýrana goýýan «akylly» şäherde binýady goýlan metjidiň çäklerinde awtoulag duralgalary, dürli maksatly tehniki desgalar bolup, onuň seýilgäh zolagy hem 10 gektar ýeri eýelär. Şonuň ýaly-da suw çüwdürimler toplumy onuň esasy bezegine öwrüler. Umumy meýdany 34,5 gektara deň bolan bu metjitde birbada 15 müň adam namaza durup biler, şeýle-de her biriniň beýikligi 104 metre ýetýän minaralaryň 4-si onuň çar tarapyny gurşar. Elbetde, bu şäheriň gurluşygy Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň barha artýan kuwwatynyň nä derejede ýokarydygyny alamatlandyrýar. Onda adamlaryň gowy ýaşamagy, yhlasly zähmet çekmegi, medeýetli dynç almagy, nesillerimiziň gowy okamagy, sport bilen mynasyp meşgullanmagy, döredijilikli işlemegi üçin ähli mümkinçilikleriň döredilen bu şäheri döwrebap sanly, «akylly» köçeleri, «akylly» duralgalary, «akylly» öý hyzmatlary bilen birlikde onuň ýol howpsuzlygynyň hyzmatlarynyň hem üpjün edilmegi, şol sanda «akylly» ugurlary arkaly sürüjilere wagty tygşytlamaga mümkinçilik döretmegi, ulag serişdeleriniň hereket ugurlary, duralgalara gelýän wagty hakynda maglumat berýän programma üpjünçiligi bu şäheriň döwrüň iň bir häzirki zaman şäheridigini görkezýär.

***Azat ŞÄHERGELDIÝEW,***
***Türkmenistanyň Baş prokuraturasynyň***
***Harby müdirliginiň uly sülçüsi,***
***2-nji derejeli ýurist.***



# PAÝTAGTYMYZYŇ AT-ABRAÝY HALKARA

Türkmenistanyň üç gezek ykrar edilen hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesiniň halkara derejesinde bellenilýän günlerinde Aşgabat şäheriniň ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizilendegi baradaky hoş habaryň halkara derejesinde ýaýradylandygy baradaky makalalar hemmeleriň göwünlerini galkyndyrdy. Belent ynsanperwerlige, hoşniýetli Bitaraplyga, dost-doganlyga ýugrulan däp-dessurlarymyz halkara giňişliginde giň dünýä ýaýran parahatçylyk söýüjilik syýasatymyz bilen eriş-argaç bolup, ol Bitaraplyk derejämize getirdi. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ýüregi, ak mermere beslenen, «Aziýanyň merjen şäheri» hökmünde ykrar edilen, ady-owazasy ummanlar aşan paýtagtymyzyň «Türkmenistanyň at gazanan arhitektory» Gahryman Arkadagymyzyň başlangyç-tagallasy bilen 2020-nji ýylyň 10-njy noýabrynda gurlup ulanmaga berlen ilkinji «akylly öýli» taslamasy amala aşyrylan, 2024-nji ýylda «Arkadaşlygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilen, häzirki gün Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda täze üstünliklere beslenýän paýtagtymyzyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 7-nji dekabrynda ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizilendigi ýene bir ýatdan çykmajak wakalaryň birine öwrüldi.

1993-nji ýyldan bäri Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet boýunça guramasynyň — ÝUNESKO-nyň doly hukukly agzasy bolup duran Garaşsyz, hemişelik Bitarap



# DEREJESINDE YKRAR EDILÝÄR

Türkmenistanyň paýtagty dünýäniň iň bir bagtyýar ýaşaýjylarynyň ýaşaýan ýeri bolmak bilen, 2007-nji ýylda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi diýlip bilindi, 2008-nji ýylda Baş baýdak sütüni beýikligi bilen Ginnesiň Bütindünýä rekordlary kitabynyň sahypalaryndan orun aldy, 2013-nji ýyldan bäri her ýylyň 25-nji maýy Aşgabat şäheriniň güni hökmünde bellenilýän, 2017-nji ýylda Ýapyk binalarda we söweş sungaty boýunça V Aziýa oýunlary geçirilen, soňra türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň:

*Galkyp ganat gerdigim,*
*Sap söýgüden gurdugym,*
*Ýüregi sen ýurdumyň,*
*Ak şäherim Aşgabat!*

diýlip diliniň senasyna öwrülip, 2025-nji ýylyň 7-nji dekabrynda ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň bütindünýä toruna girizilendigi baradaky güwanama eýe bolan şäherdir we paýtagtymyzyň ÝUNESKO-nyň öwreniji şäherleriniň Bütindünýä toruna girizilmegi onuň at-abraýynyň halkara derejesinde ykrar edilýändigini görkezýär.

***Oguljahan ÇUŇGAÝEWA,***
***Aşgabat şäheriniň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän ýöriteleşdirilen 85-nji orta mekdebiniň müdiri.***



# ARHIW — MAGLUMATLARYŇ GYMMATLY ÇEŞMESI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň türkmen halkynyň bagtyýar, abadan durmuşda ýaşamagy ugrunda edýän taýsyz tagallalary üstünliklere beslenip, il-ýurt bähbitli bu işlerde arhiw edaralaryna hem jogapkärli wezipeler ynanylýar. Häzirki wagtda ýurdumyzda arhiw ulgamyny döwrebaplaşdyrmaga, arhiw resminamalaryny sanlylaşdyrmaga, resminamalaryň aýawly saklanyp, geljekki nesillere ýetirilmegine, milli ýazuw ýadygärliklerimiziň halkymyzyň bähbidine peýdalanylmagyna möhüm ähmiýet berilýär.

Ata-babalarymyz «Geçmişi bolmadygyň geljegi bolmaz» diýip örän jaýdar belläpdirler. Arhiwlerde häkimiýet, ykdysadyýet-hojalyk, senagat, maliýe, kazyýet, medeni aň-bilim edaralarynyň resminamalary jemlenýär. Ýurdumyzda arhiwlere döwlet derejesinde uly üns berilýär we olarda saklanylýan resminamalara milli baýlyklaryň bir bölegi hökmünde seredilýär. Sebäbi olarda halkyň taryhyna degişli maglumatlaryň, suratlaryň uly toplumlary saklanylýar. Islendik wagt resminamalar geçmişi anyk we dogry suratlandyrmaga, ýaşlarda öz halkynyň taryhyna we milli däp-dessurlaryna bolan gyzyklanmalary artdyrmaga mümkinçilik berýär.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda arhiw işini düzgünleşdirýän ençeme hukuk namalary kabul edildi. 2013-nji ýylyň 4-nji maýynda kabul edilen «Türkmenistanyň arhiwleri we arhiw işi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 22-nji noýabrynda çykaran «Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasynyň meseleleri hakynda» Karary bilen tassyklanan Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy hakynda Düzgünnamada arhiw işiniň ýörelgeleri has aýdyň we anyk beýan edildi hem-de bu ugurda alnyp barylýan işleri has-da kämilleşdirmäge düýpli itergi berdi.

Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasyny emele getirýän esasy çeşmeler ministrlikler, pudaklaýyn dolandyryş edaralary, guramalar we edara-kärhanalar bolup durýar. Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň ulgamynda hem arhiw işi Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Baş arhiw müdirliginiň 2010-njy ýylyň 15-nji fewralyndaky buýrugy bilen tassyklanan Türkmenistanyň edaralarynyň, guramalarynyň, kärhanalarynyň arhiwleriniň işiniň Esasy kadalarynyň talaplaryna laýyklykda alnyp barylýar.

Ministrligiň merkezi diwanynda Türkmenistanyň Milli arhiw gaznasy hakyndaky Düzgünnama esasynda arhiwleşdirmäge degişli kesgitlenen resminamalar arhiwe toplanylýar. Şunda ministrligiň düzümindäki müdirlikleriň we bölümleriň resminamalary tertipleşdiri-

len ýagdaýda öz wagtynda arhiwe tabşyrýandyklaryny bellemek gerek. Arhiwde saklanylýan resminamalaryň abat saklanylmagyny, hasaba alnyşyny, işlenilip taýýarlanylyşynyň hilini, saýlanylyp alynmagyny we peýdalanylmagyny üpjün etmek boýunça işler geçirilýär. Şeýle hem bellenilen talaplara laýyklykda degişli resminamalar döwletiň saklamagyna tabşyrmaga taýýarlanylýar hem-de kesgitlenen möhletine laýyklykda tabşyrylýar.

Arhiw resminamalarynyň toplanylmagynyň çeşmesi işi dolandyrmagyň sazlaşykly alnyp barylmagydyr. Arhiw we işiň dolandyrylyşy bitewidir. Bu iki gulluk biri-biri bilen bilelikde hereket edýär. Döwlet derejesinde işiň dolandyrylyşynyň dogry alnyp barylmagy islendik edaranyň arhiwini döretmegiň esasy bolup hyzmat edýär. Biz bu babatda işleri edara-kärhanalaryň degişli hünärmenleri bilen bilelikde alyp barýarys. Şeýle-de olara zerur resminamalary toplamak boýunça usuly maslahatlary berip durýarys. Munuň özi möhüm işlerde oňyn netijeleriň gazanylmagyna, arhiw resminamalarynyň dogry ýöredilmegine ýardam edýär.

Biziň pudaklaýyn arhiwimiz ýörite jaý bilen üpjün edilen we onda resminamalary bildirilýän talaplara laýyk saklamak we olar bilen işlemek üçin ähli şertler döredilen. Şeýle hem ministrligiň tabynlygyndaky edara-kärhanalarda hem bu möhüm iş düzgünlere, kadalaşdyryjy namalara laýyklykda alnyp barylýar, olarda resminamalaryň toplanylyşyny we hasaba alnyşyny, arhiwleriň iş dolandyryşynyň guralyşyny kämilleşdirmek bilen bagly işler yzygiderli geçirilýär. Biz jogapkärli işimiziň netijesiniň hemişe ýokary hilli bolmagy we işleriň raýatlar bilen sazlaşykly guralmagy ugrunda aladalanýarys. Ýüz tutmalar bilen iş alnyp barlanda gelýän raýatlary güler ýüz bilen garşylap, olar bilen sowal-jogap alşylýar.

Häzirki döwürde Gahryman Arkadagymyzyň öňdengörüjilikli başlangyçlary bilen hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda ata Watanymyz ähli ugurlarda bedew bady bilen ösýär. Milli ykdysadyýetimiziň hemme pudaklarynda ägirt uly özgertmeler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Her ýylda ýurdumyzyň taryhyna amala aşyrylýan özgerişlikler, ösüşler hakyndaky maglumatlar altyn harplar bilen ýazylýar. Şeýle şertlerde Milli Liderimiziň, hormatly Prezidentimiziň taýsyz aladalary netijesinde arhiw işini kämilleşdirmäge, ony döwrüň talaplaryna laýyk getirmäge aýratyn üns berilýär.

Bize asuda durmuşda işlemäge, döretmäge giň mümkinçilik döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyş aýdýarys.

***Oguljahan MUHAMMEDOWA,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň arhiwçisi.***



# TÜRKMENISTANYŇ OŇYN BITARAPLYK ÝÖRELGESI

*Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň dabaraly bellenilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Bitarap döwletimiziň halkara syýasaty, ykdysady, medeni-ynsanperwer hyzmatdaşlygy ösüşli ýollar bilen ynamly öňe barýar. 12-nji dekabrda gözel paýtagtymyz Aşgabatda geçirilen ýokary derejeli Halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumy hem-de baýramçylyk çäreleri mähriban halkymyzyň abadan durmuşynyň, ählumumy asudalygyň, durnukly ösüşiň bähbidine dostluk we hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň, şeýle hem Türkmenistanyň Birleşen Milletler Guramasy we onuň ýöriteleşdirilen düzümleri bilen hyzmatdaşlygynyň, türkmen Bitaraplygynyň bütin dünýä uzaýan egsilmejek parahatçylyk dörediji kuwwatynyň täze sahypasynyň aýdyň nusgasy boldy.*



Ýurdumyzyň daşary syýasatynyň baş ýörelgesi oňyn bitaraplygydyr. Onuň many-mazmuny halky häsiýetlidir. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň «Bitarap Türkmenistan» atly düýpli eserinde şeýle ýazýar: «Biz oňyn bitaraplyk diýlip atlandyrylýan nusgany saýlap aldyk. Onuň esasy düzgünleri parahatçylyk söýüjilikden, beýleki döwletleriň işine gatyşmazlykdan, olaryň özbaşdaklygyny we çäk bitewüligini hormatlamakdan, halkara harby bileleşiklere hem-de harby şertnamalara goşulmazlykdan ybaratdyr».

Türkmenistanyň uzak geljegi nazarlap, öňe süren oňyn bitaraplyk ýörelgesi iki hakyky ýagdaýy – geosyýasy we geoykdysady ýagdaýlary göz öňünde tutýar. Türkmenistan onuň merkezine düşdi. Beýleki tarapdan, amatly geografik ýagdaýa eýe bolmak bilen, Türkmenistan Ýewropa bilen Aziýanyň strategik ýollarynyň çatrygyna düşüp, bu iki yklymyň arasyndaky özboluşly köprä öwrüldi. Bu seýrek duş gelýän geografik ýagdaýyň ýurduň ägirt uly mineral-çig mal gory bilen utgaşmagy türkmen bitaraplygynyň nusgasyny dünýä bileleşiginiň öňünde aýratyn ähmiýetli we özüne çekiji edýär. Türkmen bitaraplygy daşary ýurtlar bilen hyzmatdaşlykda siwilizasiýalaşan, birek-birege peýdalylyk esasynda bu tebigy baýlygy çalt we netijeli özleşdirmäge gönükdirilendir. Türkmen bitaraplygynyň nusgasy özgeren dünýäniň täze hakykatyny, häzirki zaman geosyýasatyny oňat bilmegi özünde jemleýär.

*«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň yglan eden «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady ösüşine biziň goşandymyz » atly döredijilik bäsleşigine*

1995-nji ýylyň 12-nji dekabry Türkmenistanyň parahatçylyk söýüji daşary syýasatynyň hakyky dabaralanan güni boldy. Şol gün Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy dünýäniň 185 döwletiniň biragyzdan ses bermegi bilen, «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» barada ýörite Kararnama kabul etdi.

Hakykatdan-da, ýaş milli döwletiň, külli türkmeniň durmuşyndaky bu görlüp-eşidilmedik wakanyň ähmiýeti örän uludyr. Bitaraplyk halkymyzyň taryhy ykbalynda Garaşsyzlyk bilen bir hatarda duran ägirt uly hadysadyr. Ol ýurdumyzyň her bir raýaty üçin parahat durmuşyň kepillendirmesidir, ertirki gününe ynamly garamakdyr, arkaýyn zähmet çekmek we erkana nesil ýetişdirmek mümkinçiligidir.

Garaşsyz döwletimiziň taryhyna altyn harplar bilen ýazylan bu buýsançly wakadan 20 ýyldan soňra – 2015-nji ýylda BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny ikinji gezek tassyklaýan Kararnama kabul edildi. Bu resminama diňe bir ýurdumyzyň halkara hukuk derejesini berkitmek bilen çäklenmän, eýsem Türkmenistanyň parahatçylyksöýüjilikli gatnaşyklaryny ösdürmekdäki işjeň we oňyn ornuny ykrar etdi.

2025-nji ýylyň 21-nji martynda kabul edilen de-



gişli Kararnama Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyny üçünji gezek ykrar etdi. Onda milli bitaraplyk syýasatynyň sebit we ählumumy derejede parahatçylygy, howpsuzlygy pugtalandyrmaga ýardam berýändigi bellenilýär.

Aşgabatda Birleşen Milletler Guramasynyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň açylmagy Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasatynyň iň möhüm netijeleriniň biridir. Merkez tebigy serişdeleri netijeli peýdalanmak, howanyň üýtgemegine garşy göreşmek ýaly meseleler boýunça hyzmatdaşlyga ýardam berip, onuň alyp barýan işi Türkmenistanyň Merkezi Aziýa üçin Öňüni alyş diplomatiýasynyň ýörelgelerine ygrarlydygyny subut edýär. Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Türkmenistanyň Konstitusiýasy, «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy hakynda» Konstitusion Kanun bilen berkidilip, ýurdumyzyň içeri we daşary syýasatynda çuňňur beýanyny tapýar. 2025-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda kabul edilen «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylyk we ynanyşmak syýasatynyň hukuk esaslary hakynda» Türkmenistanyň Konstitusion Kanuny bolsa döwletimiziň Bitaraplyk syýasatynyň täze, has giňişleýin we anyk kesgitlenen tapgyryny alamatlandyrýar. Döwlet Baştutanymyz tarapyndan gol çekilen bu Kanun ýurdumyzyň daşary syýasatynyň filosofiýasyny, ýörelgelerini we maksatlaryny özünde jemleýär.

2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji maslahatynda Milli Liderimiziň baştutanlygynda Türkmenistanyň teklibi bilen 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Rezolýusiýa biragyzdan kabul edildi. Şol günden bäri her ýylyň 12-nji dekabry – Halkara Bitaraplyk güni dünýäniň ähli ýurtlary tarapyndan uly dabara bilen bellenýär. Bitaraplyk syýasaty parahatçylygy, dialogy, özara hormat goýmagy baş ugur edinýän türkmen halkynyň taryhy mirasyna we däp-dessurlaryna esaslanýar. Halkara Bitaraplyk güni ýurdumyzda milli baýram hökmünde bellenilip, munuň özi onuň ýörelgeleriniň halkymyzyň medeniýetine çuňňur ornaşandygyna şaýatlyk edýär.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, dünýä döwletleri bilen dost-doganlyk gatnaşyklarymyzy pugtalandyrmak, halkara hyzmatdaşlygyny netijeli ösdürmek döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan esasy ýörelgeleriň biridir. Baky Bitaraplyk – bu biziň bütin dünýäde parahatçylygy ündeýän, halklary dost-doganlyga, agzybirlige çagyrýan hem-de ynsanperwerligi wagyz edýän ýörelgelerimizi dünýä ýaýýan taglymat bolup hyzmat edýär. Häzirki döwürde Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk ýörelgesinden gelip çykýan aýdyň wezipeler dünýäde ählumumy parahatçylygyň pugtalanmagynda, durnukly ösüşiň we abadançylygyň üpjün edilmeginde möhüm ähmiýete eýe bolup durýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe mähriban Watanymyzyň dünýädäki abraý-mertebesini has-da belende göterýän Milli Liderimiziň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun, beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

***Oguljan AKMYRADOWA,***
***Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.***

**EDEBIÝAT:**

1. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan — abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. Aşgabat, 2015.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Bitarap Türkmenistan. Aşgabat, 2015.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmen Bitaraplygy: parahatçylygyň we ösüşiň syýasaty. Aşgabat, 2015.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. VIII jilt. Aşgabat, 2015.

# DÜNÝÄDE DABARALANÝAN BITARAPLYGYMYZ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde günsaýyn ösüşlere, täze özgerişlere beslenýän Watanymyzyň beýik tutumlarynda, ösüş-özgerişlerinde halkymyzyň röwşen geljegini görýäris. Bularyň ählisi il-ýurduny Gün kibi çoýýan, raýatlarynyň okamagy, işlemegi, ýaşamagy üçin ähli mümkinçilikleri döredýän hormatly Prezidentimiziň parasatly, pähim-paýhasly, öňdengörüjilikli syýasatynyň netijesi bolup durýar.



Milli Liderimiz Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň türkmen döwletiniň, türkmen iliniň abadan, parahat, eşretli durmuşda ýaşamagyny üpjün etmekde, daşary döwletler bilen gatnaşyklary pugtalandyrmakda alyp barýan işleri bu gün dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ýokary baha mynasyp bolýar. Ýurdumyzyň milli bähbitlerini üpjün etmäge hem-de ählumumy derejede parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi pugtalandyrmaga gönükdirilen daşary syýasaty bu gün parahatçylyk söýüjiligiň we döredijiligiň diplomatiýasy bolup dünýä ýaýylýar.

Türkmen Bitaraplygy halkara-hukuk tejribesinde täze ýagdaý bolup, hyzmatdaşlygyň we ähliumumy parahatçylygy gazanmagyň täze binýadyna öwrüldi. Has takygy, halkara parahatçylygy we howupsuzlygy goldamak, beýleki ýurtlar bilen hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklary saklamak, hut şonuň ýaly-da dawalaryň ýaýramagynyň öňüni almak we gapma-garşylyklary düzgünleşdirmek şu hyzmatdaşlygyň has ileri tutulýan ugurlarynyň biridir.

Türkmenistan dünýäde ykdysady işjeňligiň artmagyna ýardam etmek maksady bilen, dürli sebit we sebitara ulag-üstaşyr ýollaryny döretmek işinde, şeýle hem energetika ulgamynda hyzmatdaşlygyň ösdürilmegi, ekologiýa meselesinde we tebigy betbagtçylyklaryň töwekgelçiliklerini azaltmakda hyzmatdaşlyk, ynsanperwer meseleler ýaly ugurlara uly ähmiýet berýär.

Ýurdumyzyň üýtgewsiz çemeleşmesi dünýäde täze, adalatly we ynanperwer tertibi ýola goýmak işinde iň ýokary halkara guramasy hökmünde BMG-niň alyp barýan işlerini pugtalandyrmaga ýardam bermekden ybaratdyr. Türkmenistan BMG-niň täsirini giňeltmek ugrunda bu guramanyň ylalaşdyryjylyk mümkinçiliklerini artdyrmak ugrunda, ony ählumumy ösüşiň üýtgeýän şertlerine laýyklykda mundan beýläk-de ösdürmekde aýgytly çykyş edýär.

Ýurdumyzyň Merkezi Aziýada we Hazar sebitinde hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga gönükdirilen oňyn başlangyçlary dünýä derejesinde giňden goldanylýar.

Eziz Diýarymyzyň her güni-aýy şanly wakalara beslenýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň bol-elin, parahat durmuşy baradaky aladalary ýürekleri joşa getirýär.

Şöhratly geçmişiň ýüze sylanym,
Watan meniň seždegähim, imanym.
Bitarap mertebäň, geljegiň aýdyň,
Watan meniň seždegähim, imanym.

Milletiň buýsanjy sowulmaz ýazym,
Şanyňa ýaňlanýar aýdymdyr sazym,
Goýnuňda erkana oguluň, gyzyň,
Watan meniň seždegähim, imanym.

Seň ykbalyň bilen bagly ykbalym,
Geçmişim, geljegim hem-de ak bagtym,
Bitaraplyk baky bagtym, guwanjym,
Watan meniň seždegähim, imanym.

Milli Lider paýhasyna uýanym,
Göwünlerde päk yhlasy duýanym,
Gülzara öwrülýär gözel Diýarym,
Watan meniň seždegähim, imanym.

***Seýitmuhammet JEPBAROW,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Gurluşyk önümçiligi müdirliginiň başlygynyň orunbasary – bölüm başlygy.***





# TÜRKMEN BITARAPLYGY: ASUDALYGY WE PARAHATLYGY ÜPJÜN ETMEGIŇ DIPLOMATIK GURALY

Garaşsyzlyk bilen galkynan Türkmenistan döwletimiz 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 50-nji ýubileý mejlisinde kabul edilen «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly Kararnama esasynda hemişelik Bitarap döwlet hukuk ýagdaýyna eýe boldy. Munuň özi birnäçe ýüzýyllygyň dowamynda öz döwleti bolmadyk türkmen halkymyzyň, türkmen jemgyýetiniň durmuşynda aýratyn möhüm ähmiýetli waka öwrüldi.

Şondan bary-ýogy dört ýyl öň — 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny gazanan, 1992-nji ýylda bolsa Özygtyýarly Garaşsyz döwlet hökmünde Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzalygyna kabul edilen Türkmenistan döwletimiziň ösüş badynyň bedew tizligine deňdigini dünýä aýan eden ajaýyp ýaň boldy.

Türkmenistanyň Bitaraplygynyň manysyna çuňňur hem-de giň düşünmek üçin onuň diňe bir hukuk-syýasy esaslaryna däl-de, eýsem taryhy köklerine, ykdysady taýdan ähmiýetine we öňüni alyş diplomatiýasynyň mehanizmine nazar aýlamak zerurdyr.

Biziň Bitaraplygymyz görnüşi babatda hemişelikdir, häsiýeti taýdan oňyndyr. Bu aýratynlyklary Türkmenistan döwletimize, beýleki döwletleriň içerki işlerine gatyşmazdan, abraýly halkara guramalarynyň, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň we onuň düzümleýin edaralarynyň howandarlygynda, sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde çykyş etmäge, döwletleriň durmuşynda ýüze çykýan her bir meseläniň özara düşünişmek esasynda, gepleşikler ýoly bilen çözülmegine gönükdirilen möhüm diplomatik gurallary hödürlemäge mümkinçilik berýär.

Bitarap Türkmenistan harby hereketleri we uruşlary ýazgarýar. Döwletleri we halkara guramalaryny sebitde hem-de dünýäde ýüze çykýan ykdysady, ekologiki meseleleri agzybirlikde, gepleşikleri geçirmek arkaly çözmäge çagyrýar. Bu babatda Türkmenistanyň goldanýan esasy ýörelgeleri hökmünde ýurduň harby-syýasy maksatly birleşiklere goşulmakdan ýüz öwürmegini, ykdysady çygyrlarda energetika babatda howpsuzlygy, hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna howpsuz ibermeginiň, ýurduň çäginden Demirgazyk — Günorta we Gündogar — Günbatar ugurlary boýunça ulag-logistika düzümini kemala getirmegiň we ösdürmegiň ynamdar kepili hökmünde ulanmagyny agzamak bolar.



Ýurduň energetika babatda kuwwatlyklaryny artdyrmak bilen bagly amala aşyrylýan özgertmelere mysal hökmünde tebigy gazyň we nebitiň önümçiliginiň eksportyny artdyrmak babatda alnyp barylýan işleri görkezip bolar. Gazy çig mal harydy hökmünde diwersifikasiýa ýoly bilen halkara turba geçirijileri arkaly dünýä sarp edijilerine ýetirmek, şeýle hem nebiti we gazy gaýtadan işlemek arkaly öndürilýän ýokary hilli senagat önümleriniň, harytlarynyň eksportyny artdyrmak döwletimiziň gündelik aladalarynyň esasyny düzýär.

Öňüni alyş diplomatiýasy türkmen Bitaraplygynyň aýratyn ajaýyp we işjeň ugrudyr. Häzirki wagtda Aşgabatda BMG-niň Merkezi Aziýa üçin öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkezi hereket edýär. Bu edara Birleşen Milletler Guramasynyň şu hili ygtyýarlyk bilen hereket edýän dünýäde ýeke-täk edarasydyr. Merkez Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan ygtyýarlyklary sebitde ýüze çykýan meseleleriň öňüni almakda netijeli peýdalanylýar we ýurtlaryň arasynda suw serişdeleri, serhetler, howpsuzlyk we energetika ýaly meseleler boýunça gepleşikleriň geçirilmegine ýardam edýär.

Şu hili ýerine ýetirýän wezipelerini we işiniň häsiýetlerini göz öňünde tutmak bilen, türkmen Bitaraplygynyň many-mazmunynyň daş-töwerekden çetleşmek däl-de, eýsem halkara işlerine parahatçylygy dörediji hereketler, gepleşikleri geçirmek hakynda teklipler we araçylyk, töwellaçylyk wezipesi bilen işjeň gatnaşmakdan ybaratdygyny aýtmak bolar. Türkmenistanyň alyp barýan işiniň hut şu aýratyn taraplary hem Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul eden «Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy» atly Kararnamasynyň mazmunynda beýan edilendir. Tertip boýunça bu Kararnama ady agzalan guramanyň Türkmenistanyň hemişelik bitaraplygy bilen bagly kabul eden ikinji resminamasydyr.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplyk ýol-ýörelgesiniň esasy maksady ýurduň içinde durnukly ösüşleri gazanmak üçin amatly daşarky şertleri döretmäge gönükdirilendir. Bu maksada sebitde syýasy babatda durnuklylygy we parahatçylygy, ekologiýa babatda howpsuzlygy, özara ynanyşmagy gazanmak arkaly ýetmek ugrunda yzygiderli we çuňňur oýlanyşykly işler alnyp barylýar. Türkmenistan goňşy döwlet Owganystan bilen bagly işlere işjeň gatnaşýar. Goňşy ýurduň ykdysadyýetini dikeltmäge we ösdürmäge gönükdirilen TOPH gaz geçirijisiniň taslamasynyň ýurduň çäginde durmuşa geçirilmegine ýardam berýär. Ekologiýa babatda, ilkinji nobatda, özüniň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan wezipelerine, hukuklaryna we borçlaryna daýanyp, sebitiň meselelerine, hususan-da, Aral deňzi bilen bagly dörän ekologiki meselelere halkara jemgyýetçiliginiň ünsüni çekýär. Gahryman Arkadagymyzyň tagallalary bilen, öňki döwürde işi haýalladylan Araly halas etmegiň Halkara gaznasy guramasynyň işi gaýtadan işjeň häsiýete eýe bolup, bu möhüm wezipäni amal etmäge — Araly halas etmek işlerine toplumlaýyn girişildi.

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan dünýäde we sebitde parahatçylygy gazanmagyň we gorap saklamagyň kepili hökmünde özara ynanyşmak ýörelgesini öňe sürýär. Muňa Türkmenistan tarapyndan hödürlenen «Dialog — parahatçylgyň kepili» atly konsepsiýany aýratyn mysal hökmünde agzamak bolar. Bu Konsepsiýa deňhukukly we özara bähbitli halkara gatnaşyklaryny saklamak üçin köpugurly binýat bolup hyzmat edýär.

Şeýlelikde, Türkmen Bitaraplygy döwletimiziň daşary syýasat we halkara gatnaşyklary ulgamlarynda ýurduň içinde we şol bir wagtda tutuş Merkezi Aziýada durnuklylygy, howpsuzlygy we ykdysady ösüşleri gorap saklamaga gönükdirilen işjeň we köpgyraňly guraldyr. Onuň halklaryň, ýurtlaryň, döwletleriň durmuşynda özara agzybirligi, parahatçylygy, jebisligi gazanmakda hiç bir gymmatlyk bilen çalşyp bolmajak wajyp orny bar.

Biz Garaşsyz Türkmenistan döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk hukuk ýagdaýyndan gelip çykýan borçnamalaryny mynasyp amal etmekde nusgalyk görelde görkezýän, agzybirlik, jebislik, hyzmatdaşlyk ýörelgelerini wagyz edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýäris.

***Arslan GURBANOW,***
***Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň «Gidroizolýasiýa we posa garşy gorag» barlaghanasynyň baş hünärmeni.***

## Watanym, barlygym...

Eziz hem Bitarap Watan,
Bagtyýar eýlän özüňsiň,
Dünýäm, örküm, ummanym sen,
Serim gurban sallaryňa.

Her künjüň, goluň eserdir,
Döwet galamlydyr merdiň,
Ynanç-ygtykadym birdir,
Dünýä barýan ýollaryňa.

Daglaryň bar kemer-kemer,
Daglaň bulduň süýdün emer,
Ömürboýy gatançly sen,
Bagtyýar ykballaryma.

Seni Gün deý çoýan Hakdyr,
Derýalaňda ýüzdüm-akdym,
Özüm bilip haýran aklym,
Şöhratlarňa-şanlaryňa.

Seredip dur ýyldyz-tagdyr,
Seret, mydam janym sagdyr,
Bergili men, berýän bergim,
Perzent-mähribanlaryňa.

Seret tans edýär «Akja ýar»,
Nurun döküp Güneş bakýar,
Daglaryňdan ballar akýar,
Başym gurban ballaryňa.

Bardyr bereket-akar ýap,
Bugdaýdan doly çuwal-gap,
Ýurduň Garaşsyz, Bitarap,
Janym gurban hallaryňa.

***Ýaraş SOLTANMYRADOW,***
***Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň Ak bugdaý etrabynyň Ýaşlyk elektroulgamynyň elektromontýory.***

## Barym-mydarym — ýurdum

Janym gurban Diýarym,
Seniň bilen barly men.
Bişendir alma-narym,
Sen bar, ygtybarly men.

Barym, gumum, dagym sen,
Hemem berkararym sen,
Dünýäm, namys-arym sen,
Seniň bilen barly men.

Okadygym, bildigim,
Ýaran bize gowy gün,
Bilýän, saňa bar bergim,
Hemem saňa bagly men.

Gyzyl, ýaşyl, agym bar,
Köse guýym, bagym bar,
Serdar Arkadagym bar,
Garagumly, dagly men.

Bagtyýar türkmen halkym,
Durmuş berkarar, galkyn!

Arkadag deý bar arkam!
Ýele-yk, sag-solly men

Gül-gülüstan çar tarap,
Ýol aşýan kerwen gurap,
Ata Watan Bitarap,
Güneşli men, çogly men.

***Şemşat ROZWELIÝEWA,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Zerger «Demirbetonönümleri» zawodynyň Işgärler bölüminiň başlygy.***



## Bitaraplyk dagy-daşy gülledýär...

Barýan öňe ýene öňki ýodadan,
Paýtagtym, bir gör-ä, şaýollaryň giň,
Garaşsyzlyk bilen Bitaraplygyň,
Sered-ä, bir hili bagry badaşan.

Garaýan, ilerde daglar görünýär,
«Ylham» seýilgähne eýleýän seýran,
Aşgabat etegi, Köşüli dünýä,
Bilýän, bagtly güne ýene bagt goşar.

Gör-ä, gowy günler bize garaşýar,
Seret, dag etegne, owadan daşlar,
Bu türkmeniň bagtly günlerin buşlap,
Onuň waspyn edýän Mätäji şahyr.

Ýaşlar bagtyýardyr, berkarar döwrüm,
Gazlar dik depämde eýleýär öwrüm,
Bitaraplyk heňin mukama öwrüp,
Saýraýar şeýdalar göwnümi hoşlap.

Bitaraplyk toýun toýlaýar ýer-gök,
Çeşmeler daglardan akyp dur aşak,
Berkarar eýýamyň sepgidine bak,
Diňe bir dagam däl, gülläpdir daşlar!

*Ogulbahar MELEKEÝEWA,*
*«Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň Işgärler bölüminiň esasy hünärmeni.*



*«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň ýglan eden «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady ösüşine biziň goşandymyz » atly döredijilik bäsleşigine*

## Alkyşnama

Gelendir türkmene ajaýyp zaman,
Ýurdumyz parahat, iller abadan,
Adam aladasyn belentde goýýan,
Alkyş bolsun Gahryman Arkadaga!
Alkyş bolsun Arkadagly Serdara!

Mizemezdir Garaşsyzlyk binamyz,
Ady arşa galdy eziz Diýaryň,
Bagtyýarlyk gurşap alýar çar ýanyn,
Alkyş bolsun Gahryman Arkadaga!
Alkyş bolsun Arkadagly Serdara!

Ajap bagta rowan jebis ilimiz,
Erkana parlaýar ýaşyl Tugumyz,
Bitaraplyk – ýörelgämiz, ýolumyz,
Alkyş bolsun Gahryman Arkadaga!
Alkyş bolsun Arkadagly Serdara!

Şygyr ýazýan, Watan waspynda köňlüm,
Bagtyýar şu günüm, şanlydyr düýnüm,
Görmäge göz gerek Watanmyň görkün,
Alkyş bolsun Gahryman Arkadaga!
Alkyş bolsun Arkadagly Serdara!

Agzybirlik bilen bir başa uýan,
Halkymyza ýaran döwletli-döwran,
Diýar gujagynda jennet döreden,
Alkyş bolsun Gahryman Arkadaga!
Alkyş bolsun Arakadagly Serdara!

Ykbaly göterlen türkmeniň ili,
Bu gün ýürekleri alkyşdan doly,
Asyrlara uzap gitsin ak ýoly,
Alkyş bolsun Gahryman Arkadaga!
Alkyş bolsun Arakadagly Serdara!

*Gurbangeldi ORAZBERDIÝEW,*
*«Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň jogapkär kätibi.*

# BÄSLEŞIKLERIŇ JEMI JEMLENILDI

Ýurdumyzyň äleme ýaň salan hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllyk şanly toýunyň dünýä jemgyýetçiligi bilen bilelikde uly ruhubelentlikde, buýsanç bilen bellenen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda hemişelik Bitaraplygymyzyň bu ýubileýi hem-de Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli dürli medeni-köpçülikleýin forumlar, maslahatlar, sergiler we beýleki halkara ähmiýetli çäreler ýokary guramaçylyk derejesinde geçirildi. Şeýle çäreleriň hatarynda gazet-žurnallar, jemgyýetçilik guramalary we başgalar tarapyndan dürli döredijilik bäsleşikleri yglan edilip, olaryň jemleri jemlenildi.

Şanly ýylda tutuş adamzada aklyk, älem-jahana asudalyk, parahatçylyk ündeýän türkmen bitaraplygynyň çuňňur mazmunyny açyp görkezmek, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda ýetilýän belent sepgitleri wasp etmek hem-de pudakda ata Watanymyzyň ösüşlerine mynasyp goşant goşýan işgärleri höweslendirmek, olaryň döredijilik ukyplaryny kämilleşdirmek, täze



üstünliklere ruhlandyrmak maksady bilen, şu ýylyň başynda Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň redaksiýasy tarapyndan Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramasy bilen bilelikde «Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň ykdysady ösüşine biziň goşandymyz» atly döredijilik bäsleşigi yglan edildi.

Makalalar we goşgular ugurlary boýunça geçirilen bu döredijilik bäsleşigine işjeň gatnaşan Türkmenistanyň Gurluşyk we senagat toplumynyň ministrliklerinde we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynda hem-de olaryň edara-kärhanalarynda hem guramalarynda zähmet çekýän işgärler, ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlary we talyplary özleriniň ata Watanymyza, ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplyk derejesine, okgunly ösüşlerine, parahat, eşretli zamanamyza buýsanjyny makalalarynda we goşgularynda çeper hem buýsançly beýan etdiler.

Golaýda, berkarar döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygynyň giňden baýram edilýän günlerinde jemi jemlenen bu döredijilik bäsleşiginiň baş baýragyna Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmenistanyň senagaty» zurnalynyň jogapkär kätibi Gurbangeldi Orazberdiýew mynasyp boldy. Bäsleşikde makala ýazmak ugry boýunça 1-nji orny şu ministrligiň «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň laborant barlagçysy Oguljemal Begenjowa, 2-nji orny Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy Oguljemal Akmyradowa we 3-nji orny Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Seýsmiki ýagdaýa durnukly gurluşyk ylmy-barlag institutynyň «Gidroizolýasiýa we posa garşy gorag» barlaghanasynyň baş hünärmeni Arslan Gurbanow eýelediler.

Bäsleşikde goşgy ýazmak ugry boýunça 1-nji orna Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasynyň Sanly ulgam we maglumat howpsuzlygy boýunça baş hünärmeni Hojanepes Orazow, 2-nji orna şu ministrligiň Işgärler bölüminiň baş hünärmeni Daud Annaýew we 3-nji orna «Türkmenhimiýa» döwlet konserniniň Işgärler bölüminiň esasy hünärmeni Ogulbahar Melekeýewa mynasyp boldular. Bäsleşige iberilen makalalardyr goşgularyň iň gowulary «Türkmenistanyň senagaty» žurnalynyň şu ýylda çykan sanlarynda çap edildi. Şeýle hem baş baýraga we degişli ugurlar boýunça 1-nji, 2-nji, 3-nji orunlara mynasyp bolanlara Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň hormat hatlary we gymmat bahaly sowgatlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Şeýle hem 5-nji dekabrda Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkezi bilen Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi tarapyndan bilelikde Halkara Bitaraplyk güni hem-de berkarar döwletimiziň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygy mynaybetli yglan edilen «Zähmet üstünliklerimiz saňadyr Watan!» atly bäsleşigiň jemi jemlenilip, Türkmenistanyň Jemgyýetçilik guramalarynyň merkezinde guralan dabarada bäsleşigiň ýeňijilerine hormat hatlary we gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

Bäsleşigiň esasy maksady «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2025-nji ýylda ýurdumyzyň durmuş-ykdysady ösüşine mynasyp goşant goşmak bilen oňat netijeleri gazanan edara-kärhanalaryň göreldeli işini we gazanan netijelerini hem-de hünär ussatlygyny görkezmek bilen halal we yhlasly işlän işgärleriň göreldeli zähmetini dabaralandyrmakdan, zähmetkeş köpçüligini Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşine mynasyp goşant goşmaklyga ruhlandyrmakdan ybarat boldy.

Bäsleşigiň jemleri boýunça Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň «Türkmendemirönümleri» döwlet kärhanasy 1-nji orna, «Zarba» ýöriteleşdirilen döwlet kärhanasy 2-nji orna we Mary «Demirbetonönümleri» kärhanasy hem 3-nji orna mynasyp boldular. Pudakda zähmet çekýän işgärleriň arasynda ministrligiň elektron enjamlarynyň operatory Abat Atakaýewa 1-nji orny, «Bäherden» sement zawodynyň önümçilik meýdançasynyň başlygy Dagbaşy Meretgeldiýew 2-nji orny we «Türkmen aýna önümleri» kärhanasynyň Float aýna önümçilik sehiniň aýna kesiji operatory Kerim Balgulyýew 3-nji orny eýelediler.

***«Türkmenistanyň senagaty».***

# HALYPA-ŞÄGIRTLIK ÝOLY

***Nesil terbiýesinde halypa-şägirt gatnaşyklarynyň uly ähmiýeti bar. Ussatlardyr halypalara, ýaşuly neslimize jemgyýetde uly sarpa goýulýar. Olar jemgyýetiň iň uly baýlygy bolan nesilleri terbiýeläp ýetişdirmekde uly işleri bitirýärler. Ussatlardan bilim alýan, hünär öwrenýän nesiller öz kärine ökde şägirtler bolup ýetişýärler. Ussat halypalar diňe bilim-hünäri bilen däl-de, öz nusgalyk edebi bilen hem görelde mekdebidirler. Şonuň üçin hem olar şägirt ýetişdirenlerinde her bir hünäri öz edep-kadalary bilen utgaşykly öwredýärler. Hormatly Prezidentimiziň ýurdumyzda şu ýylyň 1-nji oktýabrynda giňden bellenilen Halkara ýaşulular gününde Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň ýaşuly nesillerine hem-de ähli halkyna iberen Gutlagynda belleýşi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe agzybirligimizi has-da pugtalandyrmakda, watansöýüji nesilleri terbiýeläp ýetişdirmekde jemgyýetimiziň ýaşuly nesliniň wekilleriniň aýratyn uly orny bardyr.***

Islendik adam belent mertebeli halypadan tälim alsa, onuň ýagşy gylyk-häsiýetlerini öz şahsyýetine ornaşdyrmaklyga çalyşýar. Alan bilim-başarnygyňy, toplan tejribäňi beýlekilere sahylyk bilen öwretmek bolsa asyllylykdan nyşandyr. Çünki olaryň eden işleri, guran binalary, döreden eserleri şägirtleriniň üsti bilen nesilden-nesle geçip, dowamat-dowam bolýar.

Ata-babalarymyzda öz hünäriňi özgelere-de öwretmek, ýörite ussatlary ýetişdirmek parz hasaplanypdyr. Halypa-şägirt gatnaşyklarynyň edebi barada «Şägirt halypadan ozdurmasa hünär ýiter» diýen nakyl halk arasynda ýörgünlidir. Bu nakyl şägirdiň ussadynyň berýän sapaklaryny kemsiz öwrenip, has-da kämillige ýetmelidigini nygtaýar. Kämillige ýetmek üçin bolsa hemişe gözlegde bolmaly. Diýmek, şägirt hemişe öwrenmeli. Elbetde, jemgyýet, durmuş ösýär, özgerýär. Şägirtleriň halypasyndan ozdurýan wagtlaryna hem duş gelmek bolýar. Ýöne şonda-da şägirde tekepbirlik etmek edepsizlik hasaplanylýar. Ol başlangyç tälim beren halypasynyň hormatyny, sylagyny hemişe-de saklamaga çalyşmalydyr, olary diňe ýagşylykda ýatlamalydyr. Çünki halypa hormaty peder sarpasy deýin belent tutulypdyr. Şägirt, okuwçy öz perzendiň deýin eý görlüpdir. Türkmeniň beýik nusgawy şahyry Magtymguly Pyragy: «Tälim beren ussadyňdan aýrylma» diýmek bilen, nähili derejelere ýetseňem, halypany unutmaly däldigini, olar bilen ýakyn aragatnaşyk saklamalydygyny nygtaýar.

Halk arasynda «Ata kesbi ogla halal» diýen nakyl halypa-şägirt gatnaşyklaryna hem degişlidir. Adam, köplenç başlangyç terbiýäni maşgalada alyp, ata-ene olaryň ilkinji halypalarydyr. Beýik söz ussady Magtymguly Pyragy: «Ylym öwreden ussat — kyblam pederdir» diýmek bilen, atasy Döwletmämmet Azadynyň özüniň ilkinji halypasy bolandygyny hormat bilen belläp geçýär.

Halypa-şägirtlik ýoly müňýyllyklardan gözbaş alyp gaýdýan milli ýörelgelerimiziň biridir. Halkymyzda «Miweli daragt» düşünjesi, ilkinji nobatda, şägirt ýetişdirip bilýän halypalar hakynda söz açylanda has köp ýatlanylýar. Çünki halypa bir daragta, şägirt onuň miwesine meňzedilýär. Ösüşlere beslenýän döwrümizde Arkadagly Gahryman Serdarymyz «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» diýip ýaşlara uly ynam bildirýär. Watanymyzyň röwşen geljegi bolan ýaş nesliň ylymly-bilimli, ilhalar hünärmenler bolup ýetişmegine halkymyzyň ruhy ahlak ýoly bolan halypa-şägirtlik ýoluny dowam etdirmegiň ähmiýeti örän uludyr.

Gahryman Arkadagymyzyň pähim paýhasyndan we çuňňur döredijilik zehininden dörän «Paýhas çeşmesi» atly kitapda hem halypalar, ussatlar, barada birnäçe dürdäne setirler beýan edilýär. «Şägirt bolmadyk, halypa-da bolmaz», «Şägirtsiz ussat — miwesiz daragt». Bu paýhasly jümleleri ata-babalarymyz asyrlaryň dowamynda sünnäläp, nesilden-nesle geçiripdirler. Şu paýhasly setirleriň üsti bilen hem nesil terbiýesine özboluşly täsir edip boljakdygyny bize wesýet edipdirler.

Täze taryhy döwrümizde nesil terbiýesine aýratyn ähmiýet berlip, türkmen halkynyň Milli Lideriniň hem-de döwlet Baştutanymyzyň tagallalary bilen halypa-şägirtlik gatnaşyklary barha ösdürilýär. Şunda Gahryman Arkadagymyz hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyz pederlerimiziň asylly ýoluny dowam etdirip, berkarar döwletimizi hemmetaraplaýyn ösdürmekde nusgalyk görelde görkezýärler. Goý, şeýle beýik işleri durmuşa geçirýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

***Hallygözel GURBANGELDIÝEWA,***
***Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrliginiň Işgärler bölüminiň başlygy.***



**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
— Biziň halkymyz daşky gurşawa, tebigata örän aýawly çemeleşip, ony hemişe gorap gelýär. Bu ynsanperwer işleri has-da ilerletmekde, eziz Diýarymyzy bagy-bossanlyga öwürmekde kabul eden maksatnamalarymyz üstünlikli amala aşyrylýar.

# EKOLOGIÝA ABADANÇYLYGY – ADAMZADYŇ BAGTYÝARLYGY

**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzy bagy-bossanlyga öwürmäge gönükdirilen başlangyçlary hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda üstünlikli durmuşa geçirilýär. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň belleýşi ýaly, berkarar Watanymyzda her ýyl ählihalk bag ekmek dabaralarynyň geçirilmegi ýurdumyzyň bagy-bossanlyga öwrülmegine uly goşant goşýar we halkymyzyň özbolușly tebigatymyza bolan buýsanjyny artdyrýar.**

Halkymyz tebigat bilen sazlaşykly ýaşamagyň hem-de oňa aýawly çemeleşmegiň ajaýyp däplerini döredipdir. Häzirki wagtda bu däpler täze mazmun bilen baýlaşdyrylýar. Diýarymyzda tokaý zolaklarynyň çäkleriniň ýyl-ýyldan giňeldilmegi, köpçülikleýin bag ekmek dabaralarynyň yzygiderli geçirilmegi muny aýdyňlygy bilen tassyklaýar. Ýurdumyzda asylly däbe öwrülen ählihalk bag ekmek dabaralary täze seýilgähleriň, tokaý zolaklarynyň döredilmegine, türkmen topragynyň ösümlik dünýäsiniň baýlaşmagyna, amatly howa şertleriniň emele gelmegine ýardam berýär. Munuň özi ekologik howpsuzlygyň, halkymyzyň saglygynyň we abadançylygynyň möhüm şerti bolup durýar.

Häzirki taryhy döwürde ähli ugurlarda uly rowaçlyklara beslenýän ata Watanymyzy bagy-bossanly-



ga öwürmek baradaky işler döwlet derejesinde ýokary depginler bilen alnyp barylýar. Ýurdumyzda her ýylda ýazky we güýzki bag ekmek möwsümlerine dabaraly ýagdaýda badalga berilýär. Hormatly Prezidentimiziň we Milli Liderimiziň gatnaşmagynda ählihalk bag ekmek dabarasyna badalga berilmegi zähmet baýramçylygyna öwrülýär. Dabara jemgyýetiň ähli gatlagynyň wekilleri uly ruhubelentlik bilen işjeň gatnaşýarlar. Bu bolsa ýaş nesillerde tebigata aýawly garamak, onuň bilen sazlaşykly ýaşamak terbiýesini ösdürýär.

Her bir işde nusgalyk görelde bolýan hormatly Prezidentimiziň ählihalk bag ekmek dabarasyna gatnaşmagy we badalga bermegi her birimizi buýsandyrýar. Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň 8-nji noýabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýaş nesliň wekiliniň belent ruha beslenen goşgy setirleri bilen haýyş etmeginde 12 ýyl ýaşan türkmen arçasyny oturdyp, güýzki ählihalk bag ekmek dabarasyna badalga berdi. Türkmen arçasynyň ýaşynyň 12-nji dekabrda ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen güni bilen gabat gelmegi özboluşly mana eýedir. Döwlet Baştutanymyzyň tutuş ýurdumyz boýunça ýaýbaňlandyrylan bu asylly dabara gatnaşmagy onuň ähmiýetini has-da artdyrdy. Şu günki dabara gatnaşyjylaryň ählisi Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň göreldesine eýerip, bag nahallaryny oturtdylar. Munuň özi paýhasly pederlerimiziň asyrlaryň dowamynda kemala getiren milli dessurlarynyň häzirki zamanyň ruhuna laýyk derejede ösdürilýändigini alamatlandyrýar.



Zähmet baýramçylygyna öwrülen bu günde şeýle dabaralar ýurdumyzyň ähli ýerlerinde uly ruhubelentlik bilen guramaçylykly geçirildi. Şol gün türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe köpugurly ösüşi özünde jemleýän döwrebap Arkadag şäherinde hem ählihalk bag ekmek dabarasynyň güýzki möwsümine badalga berildi. Milli Liderimiz şu günki taryhy ähmiýetli waka gatnaşýan oglanjygyň goşgy setirleriniň üsti bilen haýyş etmeginde, «akylly» şäheriň çäginde nobatdaky möwsümiň ilkinji bag nahalyny ekdi. Dabara gatnaşyjylar hem Gahryman Arkadagymyzyň göreldesinden ruhlanyp, uly höwes bilen agaç nahallaryny oturtdylar. Bu bolsa ýurdumyzyň ýaşlarynyň we ýaşuly nesliniň ählihalk dabarasyna işjeň gatnaşýandygyny, halkymyzyň sogap işlere aýratyn ähmiýet berýändigini aňladýar.

Tutuş ýurdumyz boýunça geçirilen ählihalk bag ekmek dabarasynyň dowamynda 449 müň 464 düýp agaç nahallary ekildi. Şeýle hem seýilgähleri we tokaý zolaklaryny arassalamak, abadanlaşdyrmak işleri bilen birlikde, jemi 1 million 997 müň 775 düýp baga ideg etmek işleri geçirildi. Şeýlelikde, bu gezekki köpçülikleýin bag ekmek dabarasy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň ekologik abadançylygy üpjün etmek, daşky gurşawy goramak, Durnukly ösüş maksatlaryny gazanmak boýunça ählumumy tagallalara goşýan mynasyp goşandynyň aýdyň beýany boldy.

Goý, ýurdumyzda ekologiýa howpsuzlygyny we daşky gurşawy goramak bilen ilatyň abadançylygyny gazanmak ugrunda uly işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun!

***Selbi ÇARYÝEWA,***
***Türkmenistanyň Oguzhan adyndaky***
***Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň mugallymy.***



# ELEKTROENERGETIKA ULGAMYNDA MAGLUMATLARY DOLANDYRMAK ÜÇIN PROGRAMMALARYŇ HÄZIRKI ÝAGDAÝY WE ÖSÜŞ UGURLARY

Häzirki zaman elektroenergetika ulgamy sanlylaşdyrma, täzelenip durýan energiýa çeşmeleriniň (TDÇ) integrasiýasy, «akylly» ulgamlaryň (smart grid) ösmegi we ulgamyň dolandyrylyşynyň çylşyrymlaşmagy sebäpli dünýä derejesinde düýpli özgertmeleri başdan geçirýär. Elektroenergetika ulgamlarynyň (EEU) netijeli işlemegini üpjün etmek üçin maglumatlary dolandyrmak, gözegçilik we öňünden çaklamak ýaly mümkinçilikleri bolan ýokary tehnologiýaly programma üpjünçiligi zerurdyr. Şeýle programma üpjünçiligi ulgamlarynyň esasy bölekleriniň biri hem EEU üçin maglumatlary seljermek we dolandyrmak boýunça niýetlenen programmalar toplumydyr.

**1. Elektrik ulgamlary üçin programma serişdeleriniň klassifikasiýasy**

Energetika ulgamynda ulanylýan ähli programma serişdeleri şertli taýdan aşakdaky toparlara bölünýär:

- Model döretmek we simulýasiýa ulgamlary (PSS®E, DIgSILENT, OpenDSS);





- Ynamlylyk we durnuklylyk seljermesi serişdeleri (ETAP, PowerFactory);
- Sanly ekwiwalent we dolandyryş platformalary (ETAP Digital Twin, Siemens Grid Software);
- Kuwwaty paýlamak we TDÇ dolandyryşy boýunça optimizasiýa gurallary (MATPOWER, GridLAB-D, PowerModels.jl);
- SCADA/EMS integrasiýasy we bulut platformalary bilen işleşýän çözgütler.

**2. Esasy programma toplumlarynyň seljermesi**

- PSS®E (Siemens) - Siemens tarapyndan işlenip düzülen PSS®E elektroenergetika ulgamlarynyň durnuklylygyny seljermek boýunça dünýäde iň giňden ulanylýan we güýçli programma üpjünçiliklerinden biridir. 2024-nji ýyldan başlap, bu ulgam bulut ulgamyna çykarylmagy, Python programmirleme dili bilen integrasiýasy we awtomatlaşdyrylan analitika mümkinçilikleri bilen giňeldildi.
- ETAP - senagat we döwlet energetika pudaklarynda giňden ulanylýan toplumlaýyn simulýasiýa we gözegçilik gurallarynyň toplumy. Bu programma häzirki wagtda sanly ekwiwalentler, duýduryş we diagnoz ulgamlary bilen kämilleşdirildi.
- OpenDSS - açyk çeşmeli programma bolup, esasan ylmy-barlag maksatly ulanylýar. Programma paýlaýyş ulgamlarynda TDÇ, energiýa saklaýjylar we elektromobiller bilen işleşýär. Python programmirleme dili bilen OpenDSSDirect.py arkaly aragatnaşyk saklamak mümkinçiligi bar.
- GridLAB-D - ABŞ-nyň Energetika ministrliginiň goldawy bilen döredilen programma bolup, ulanyjylaryň energetika ulanyş hereketlerini, howa şertlerini we bazar bahalaryny nazara almak bilen paýlaýyş ulgamyny modelleşdirýär.
- DIgSILENT PowerFactory - Germaniýada işlenip düzülen PowerFactory ýokary woltly elektrik ulgamlarynyň dolandyrylyşy we durnuklylygynyň seljermesi üçin niýetlenen giňişleýin programma bolup, SCADA, GIS we sanly ekwiwalentler bilen doly integrasiýa edýär.

**3. Geljekde möhüm tehnologiýalar. Emeli intellekt we maşyn öwrenişi**

3.1. Emeli intellekt tehnologiýalary:

- Enjam näsazlygyny öňünden çaklamaga;
- Nädogry ýagdaýlary tanamaga;
- Kuwwat paýlanyşyny optimizirlemäge mümkinçilik berýär.

3.2. Sanly ekwiwalentler (Digital Twin)

Sanly ekwiwalent tehnologiýalary ulgamyň fiziki ýagdaýyny doly modelleşdirmäge, senariýalaryň öňünden barlanmagyna we dolandyrylyşynyň gowulandyrylmagyna mümkinçilik berýär.

3.3 Bulut hasaplamalar we uly maglumatlar




Gelejekde ösüş şu ugurlara gönükdiriler:

- API bilen üpjün edilen umumy platformalaryň döredilmegi;
- Neýro-ulgamly emeli intellektleriň integrasiýasy;
- Ulgamlaryň geografiki taýdan kartalaşdyrylmagy (GIS bilen sanly kartalar).

Netijede, Elektroenergetika ulgamynda maglumatlary dolandyrmak we seljermek üçin programma üpjünçilikleri durnukly, ygtybarly we akylly energetika geçişiniň esasy elementleriniň biridir. Emeli intellekt, sanly ekwiwalentler, açyk çeşmeli platformalar we kiberhowpsuzlyk häzirki zaman çözgütleriniň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Geljekde bu ulgamlar hemme ýurtlar üçin elýeterli, integrirlenen we intellektual programmalar görnüşinde ösdüriler.




Bulut arkaly işlemek (AWS, Azure) boýunça programmalaryň käbiri (PSS®E, ETAP) häzirki wagtda giňeldilýär. Bu tehnologiýalar çalt hasaplamalar we uzakdan dolandyryş mümkinçiliklerini döredýär.

3.4 Kiberhowpsuzlyk

Energiýa ulgamlaryna garşy internet hüjümleriň artmagy bilen, köp programma üpjünçilikleri kiberhowpsuzlyk modullaryny öz içine alýar.

**4. Meseleler we kynçylyklar**

- Dürli ulgamlaryň arasynda standartlaryň utgaşdyrylmagy (CIM, IEC 61850);
- Inžener we programmirleme ukyby bolan hünärmenleriň ýetmezçiligi;
- Käbir programma üpjünçilikleriniň ýokary bahasy, esasan hem ETAP, Siemens ýaly ulgamlar;
- Açyk çeşmeli arhitekturanyň ýetmezçiligi käbir hususy ulgamlarda.

**5. Açyk çeşmeli çözgütleriň orny we täze ugurlar**

OpenDSS, GridLAB-D, PowerModels.jl, Matpower ýaly açyk çeşmeli ulgamlaryň ähmiýeti artýar. Olar ýokary amatlylyk, akademik barlaglar üçin çeýeligi we mugt ulanyş mümkinçiliklerini hödürleýär.

***Jeren AŞYRMUHAMMEDOWA,***
***Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parkynyň direktorynyň ylym we tehnologiýalar boýunça orunbasary fizika-matematika ylymlarynyň kandidaty.***
***Jumamuhammet ABDYÝEW,***
***Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň uly mugallymy.***

# MAZMUNY СОДЕРЖАНИЕ CONTENTS


1 Türkmenistanyň Mejlisiniň Karary

3 Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýurdumyzyň hemişelik Bitaraplygynyň 30 ýyllygyna bagyşlanan halkara çäreleriň üstünlikli geçirilmegi mynasybetli halkymyza GUTLAGY

5 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – Gutlaýarys!

6 A. JUMADOW – «Ynsan ýaly syzýan», rysgy bilen gelýän Bedew ýylynyň dergähinde

9 Z. ROZYÝEWA, A. RAHYMOWA – Bitaraplyk — parahatçylyk we ynanyşmak taglymaty

14 M. ANNAMUHAMMEDOW – Gurmak we döretmek — döwrüň şanly şygary

15 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – Ýokary sylaglar — belent mertebe

16 Alkyş Size, Arkadagly Gahryman Serdarymyz!

18 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – Hoşniýetli ýörelgeleriň beýany

20 O. ANNADURDYÝEW – Ajaýyp eserler — ylmy hazyna, egsilmez ruhy gymmatlyk

22 B. BÄŞIMOW – Awazada halkara sergi we maslahat geçirildi

27 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – Döwrebap desgalar — döwrümiziň ýaraşygy

29 M. GELDIÝEWA – Aşgabat — bagtyýarlyk şäheri

31 A. ŞÄHERGELDIÝEW – Milli binagärligiň göwher gaşy

34 O. ÇUŇGAÝEWA — Paýtagtymyzyň at-abraýy halkara derejesinde ykrar edilýär

36 O. MUHAMMEDOWA — Arhiw — maglumatlaryň gymmatly çeşmesi

38 O. AKMYRADOWA – Türkmenistanyň oňyn bitaraplyk ýörelgesi

41 S. JEPBAROW – Dünýäde dabaralanýan Bitaraplygymyz

43 A. GURBANOW – Türkmen bitaraplygy: asudalygy we parahatlygy üpjün etmegiň diplomatik guraly

46 Ý. SOLTANMYRADOW – Watanym, barlygym...
Ş. ROZWELIÝEWA – Barym-mydarym — ýurdum

47 O. MELEKEÝEWA – Bitaraplyk dagy-daşy gülledýär...
G. ORAZBERDIÝEW – Alkyşnama

48 «TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY» – Bäsleşikleriň jemi jemlenildi

50 H. GURBANGELDIÝEWA – Halypa-şägirtlik ýoly

52 S. ÇARYÝEWA – Ekologiýa abadançylygy – adamzadyň bagtyýarlygy

54 J. AŞYRMUHAMMEDOWA, J. ABDYÝEW – Elektroenergetika ulgamynda maglumatlary dolandyrmak üçin programmalaryň häzirki ýagdaýy we ösüş ugurlary






**«TÜRKMENISTANYŇ SENAGATY»**
žurnaly Türkmenistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 6-njy maýyndaky 767-nji Karary esasynda 3 aýda 1 gezek türkmen, rus we iňlis dillerinde neşir edilýär. №4, 2025-nji ýyl.

**Baş redaktor:** T. Nurow.

**Jogapkär kätip:** G. Orazberdiýew.

**Redaksion geňeşiň agzalary:**
R. Esedulaýew, O. Geldiýew,
A. Jumadow, A. Muhammedow,
D. Gadamow, R. Nurberdiýew.
Sany 3 575. Sargyt №0163. Bahasy 25 manat.
Formaty 60x90 1/8, çap listi – 7.
**«Türkmenistanyň senagaty»** žurnalyndan materiallar, suratlar göçürilip çap edilende, žurnala salgylanmak hökmandyr.
Redaksiýanyň salgysy: 744036. Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 132-nji jaý.
Tel.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Žurnal Metbugat merkezinde çap edildi.
Žurnalyň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. A –117942.

Журнал **«ПРОМЫШЛЕННОСТЬ ТУРКМЕНИСТАНА»** издается в соответствии с Постановлением Президента Туркменистана № 767 от 6 мая 2018 года 1 раз в 3 месяца, на туркменском, русском и английском языках. №4, 2025 год.

**Главный редактор:** Т. Нуров.

**Ответственный секретарь:** Г. Оразбердыев.

**Редакционная коллегия:**
Р. Эседулаев, О. Гельдыев, А. Джуматов,
А. Мухаммедов, Д. Гадамов, Р. Нурбердыев.
Тираж 3 575. Заказ №0163. Цена 25 манат.
Формат 60x90 1/8. 7 печатных листа.
При перепечатке материалов и снимков из журнала, ссылка на **«Промышленность Туркменистана»** обязательна.
Адрес редакции: 744036. г.Ашгабад, проспект Арчабил, 132.
тел.: 39-49-36.
senagat_redaksiya@sanly.tm
Журнал отпечатан в Центре печати.
Ответственность за качество печати журнала несет Центр печати.

**«INDUSTRY OF TURKMENISTAN»** magazine 744036.
Turkmenistan, Ashgabat, Archabil prospect, 132 ntl: +99312 39-49-36.

# Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygyna

# 30 ýyl






